# ÖWRENILÝÄN DILIŇ ÝURDUNYŇ TARYHY
# (TÜRKIÝÄNIŇ TARYHY)

Aşgabat –2010

**© Nury Gajarow. Öwrenilýän diliň ýurdunyň taryhy (Türkiýäniň taryhy). Ýokary okuw mekdepleriniň türk dili we edebiýaty hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.**

**Arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, t.y.k. S. Ataýewiň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© N. Gajarow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

Häzirki zaman türk halkynyň we goňşy ýurtlarda, Eýranda, Yrakda, Siriýada ýaşaýan milli türkmen etniki toparlarynyň gelip çykyşlaryny, ýagny etnogenezini öwrenmek üçin ilki bilen bu halklaryň ata-babalarynyň Günbatar Aziýa ýurtlarynda aralaşyşlaryny, göç edişlerini, bu ýerde watan tutuşlaryny we soňraky taryhy ykballaryny jikme-jik öwrenmek zerurdyr. Gürrüňi edilýän etniki hadysalar umumy bir esasa-kanunalaýyklyga daýanmak bilen, şol bir wagtyň özünde hem her bir konkret ýagdaýda özüniň aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Mysal üçin türkiýe halkyýetiniň gelip çykyşynyň aýratynlygy iki sany biri-birinden düýpgöter tapawutlanýan etniki kompanentiň, ýagny bu ýere Merkezi Aziýadan göçüp gelen çarwa türk taýpalarynyň ýerli, oturymly, ekerançylyk ilatynyň aýry-aýry toparlary bilen garyşmagy netijesinde hasyl bolandygy doly äşgärdir. Şu hadysalaryň gidişinde san taýdan agdyklyk edýän we sosial-syýasy taýdan öz agalygyny berkarar eden türkmenler öz boýun egdiren halklarynyň bir bölegini assimirleşdiripdirler (özüne öwüripdirler).

Türk halkynyň we Günbatar Aziýa ýurtlarynyň beýleki türki toparlarynyň etnogenetiki prosesiniň başlangyjy hökmünde doly ynam bilen XI asyryň ahyryny agzamak bolar, çünki şol wagtdan başlap, agramy oguzlardan-türkmenlerden ybarat bolan türki taýpalaryň bu ýerlere köpçülikleýin göçüp gelmesi başlanýar. Diýmek, XI asyrda başlanan türkmenleriň Günbatar Aziýa ýurtlaryna göçhä-göçlügi soňraky döwürde (XI-XV asyrlarda) bu ýurtlarda türki halklarynyň täze toparlarynyň emele gelmegine sebäp bolupdyr.

XI-XII asyrlarda Kiçi Aziýa sebitinde emele gelen Rum seljuk şalygy Beýik Seljuklar döwletini ykrar eden hem bolsa hakykat ýüzünde özbaşdak döwlete öwrülişi onuň medeni mirasynyň dünýä siwilizasiýasyndaky orny, Osman

imperiýasynyň döreýiş taryhyny, Türkiýe respublikasynyň jar edilmegini, täze we iň täze döwürlerde Türkiýäniň syýasy we ykdysady ýagdaýyny, häzirki Beýik Galkynyşlar döwründe Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwleti bilen Türkiýe respublikasynyň arasyndaky ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklar baradaky maglumatlary açyp görkezmek okyjylaryň dykgatyna hödürlenýän şu okuw gollanmasynyň esasy wezipesidir.

Häzirki Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Türkmenistan Garaşsyz, baky Bitarap döwlet hökmünde dünýäniň syýasy kartasynda öz mynasyp ornuny tapdy. Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden Açyk gapylar syýasaty yglan edildi. Bu ynsanperwer syýasatyň netijesinde Türkmenistan goňşy we doganlyk döwletler bilen hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýdy. Şunuň ýoly ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyk doganlyk Türkiýe döwleti bilen hem şanly Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden ýola goýuldy.

Beýik Galkynyş we Täze Özgertmeler zamanynda Türkmenistan özüniň daşary syýasatynda dünýäniň ähli ýurtlary bilen ilkiji nobatda hem goňşy ýurtlary bolan Merkezi Aziýa we Türkiýe respublikasy bilen dostluk we hyzmatdaşlyga uly üns berýär. Häzirki döwürde Türkiýe bilen ykdysady we medeni ugurdaky hyzmatdaşlygy giň gerime eýe boldy. Türkmenistan we Türkiýe respublikasy tarapyndan häzirki wagtda durmuşa geçirilýän işler bu döwlet bilen hoşniýetli özara hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň geljeginiň uludygyna şaýatlyk edýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan agzybir halkyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde gazanan ýeňişlerini, ýeten belent sepgitlerini, Beýik Galkynyşlar we Täze Özgertmeler zamanasyndaky çäksiz ösüşlerini bu gün bütin dünýä görýär we ykrar edýär.

## Tema: Kiçi Aziýada Seljuk döwletiniň döremegi.

XI asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap, türkmen halkynyň taryhynda uly öwrülişik bolýar: Türkmen serkerdeleri Togrul beg we Çagry beg dünýäde “Beýik” diýen ady alan Seljuk türkmen döwletini döredýärler. Şol ýyllaryň şanly ýeňişlerini suratlandyryp, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Kolumbiýa uniwersitetinde eden çykyşynda şeýle diýdi: „Biziň topragymyzda birmahallar meşhur bolan Parfiýa patyşalygy ägirt uly Seljuklar imperiýasy, Ürgenç imperiýasy we beýleki döwletleriň ençemesi ýerleşdi, olar özünden soň örän gadymy siwilizasiýalaryň köpsanly ýadygärliklerini galdyrdy. Şol ýadygärlikler geçmişde beýik sepgitlere ýetilendigine, biziň sebitimiziň gülläp ösendigine şaýatlyk edýär“. (Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom, Aşgabat, 2008, sah 203-204).

Çagry beg bilen Togrul beg Mykaýylyň ogullary, nesilbaşy Seljuk beg Dukagyň agtyklarydyr. Seljuk Türkmen döwletiniň serhetleri hytaý diwarlaryndan başlap Müsüre Kiçi Aziýa Kawkaza çenli bolan aralygy öz içine alypdyr. Seljuk beg onuň ogullary, agtyklary samanileriň ilek hanlaryň we Mahmyt Gaznalynyň garşysyna göreşmeli bolýarlar.

Seljuklar türkmenleriň kynyň tiresindendir, olar 1040-njy ýylda türkmenleriň gaýa tiresinden bolan Mahmyt Gaznalynyň döreden döwletiniň leşgerlerini gadymy Mary şäherinden 70 km uzaklykdaky Daňdanakan galasynyň ýanynda ýeňýärler. Şol ýeňişden soň iki doganyň Çagrydyr Tigrul begiň döreden täze döwleti kuwwatlanyp ugraýar.

Iki doganyň hormatyna basyp alan ýerleriniň metjitlerinde hutba okalýar. ``Patyşalaryň patyşasy`` diýip at alan Çagry beg Merwde, Togrul beg özüni Nişapurda patyşa diýip yglan edýär. Gysga wagtyň içinde Seljuk türkmenleriniň

döwletine Balh, Jürjan, Tabaristan, Köňeürgenç soňra Jybal, Hemedan, Dinawar, Hulwan, Reý we Yspyhan birikdirilýär.

1055-nji ýylda Togrul beg Bagdada girýär, halyflaryň paýtagtynda soltan diýlip yglan edilýär, ýedi yklymyň patyşasy diýilen dereje berilýär.

Çagry begiň ogly Alp Arslan döwründe Seljuk türkmen döwleti has ulalyp, 10-ça döwletden 100-çe hanlykdan paç salgyt alypdyr.

Anadoludaky Seljuk türkmenleriniň döwleti Seljuk türkmenlerinden Arslan hanyň ogly Gutulmyşyň ogullary tarapyndan 1075-nji ýýlda gurulyp, 1308-nji ýyla çenli dowam etdi.

Bu döwletiň binýat edilmeginiň esasy sebäpleriniň biri soltan Alp Arslanyň 1071-nji ýylda Malazgirt söweşinde ýeňiş gazanmagydyr. Rum ýurdunyň derwezesinden giren seljukly türkmenler Gutulmyşyň ogly Süleýman şanyň töwereginde jemlendiler. Ol Koniýany alyp, 1075-nji ýylda has içlere gitdi, Yznygy eýeledi, özüne paýtagt etdi. Soň Süleýman şa Tarsus, Adana, Mesis, Malatyýa şäherlerini aldy. 1085-nji ýylda Antakyýany ele geçirdi. Türkmen Seljuk döwletiniň ikinji soltany Gylyç Arslandyr.

Bu döwlet Anadolyny, Seljuk türkmenleriniň watany ýagdaýna getirmegi, Yslam dinini ýaýratmagy hem türkmen beglikleriniň güýçlenmegine sebäp bolmagy bilen meşhurdyr.

Türk döwleti XI asyryň 70-nji ýyllarynda günbatar Ermenistanda we Kiçi Aziýada grekleriň ermenilerden basyp alan territoiriýlarynda emele gelýär. Olar esasan çarwa Oguzlardan bolupdyrlar.

X asyryň II ýarymynda türkleriň beýleki bölekleriniň ählisi umumy döwlet birleşmesini emele getiripdirler. Olaryň ýolbaşçysy Seljuk bolupdyr. Seljuk beg Dukak onuň hakyky ady bolupdyr. Onuň ogly Mykaýyl, agtyklary Çagry beg bilen Togrul beg bolupdyrlar.

Seljuk türkmen döwletiniň serhetleri Hytaý diwarlaryndan başlap, Müsüre, Kiçi Aziýa, Kawkaza çenli aralygy öz içine alýar. Seljuklar türkmenleriň Kynyk tiresindendir.

Seljuklar şol döwürde Mawerenahrda ýaşapdyrlar. Olar 1040-njy ýylda Eýrany, Bagdady-1055-nji ýylda, soňra gysga wagtda Häzirbegjany, Ermenistany, Yragy eyeleýärler. Şunuň netijesinde "Beýik Seljuklar" döwletini emele getirýärler. Bularyň ýolbaşçysy Togrul beg we Çagry beg bolupdyrlar. Çagry begiň ady Dawut Togrul begiň ady Muhammetdir.

1040-njy ýylda Marydan 70 km. Uzaklykda Dandanakan diýen ýerde Seljuklar Mahmyt Gaznalynyň goşuny (gaznawitler) bilen söweşýärler. Şondan soň bu döwlet kuwwatlanyp baslaýar.

Şol döwürde Kiçi Aziýa Wizantiýa döwletiniň gol astyndady. Ol döwlet Dunaý derýasyndan (günbatar) Ÿefrata çenli ýetýär. Seljuklar Kiçi Aziýada Malazgirt şäherinde 1071-nji ýylyň Awgust aýynyň 19-na wizantiýalylar bilen çaknyşyppdyrlar.

Urşuň netijesinde Roman IV Diogeniň ýolbaşçylygndaky Wizantiýa döwleti Seljuk ýolbaşçysy Alp Arslan tarapyndan ýykylypdyr. Olaryň imperatory ýesir alynypdyr. Soňra olar (seljuklar) birnäçe ýyllap Kiçi Aziýany dolandyrypdyrlar. Olar Mermer we Gara deňzine çenli baryp ýetipdirler. 1080-nji ýylda Nikeýa (Izmir) şäherini paýtagt edinipdirler. Seljuklar döwletiniň basyp alyjylykly syýasaty 1085-nji ýyla çenli dowam edipdir.

Seljuklaryň harby maksady gullary we daýhanlary feodallaryň zulumundan boşatmak we basyp alynan ýerlere yslam dinini ýaýradypdyrlar. Kimde-kim musulman dinini kabul etse, olara erkinlik beripdirler. Kiçi Aziýada Süleýman Kutulmyşbirnäçe daýhanlary we gullary feodallaryň

zulumyndan boşadypdyr. Musulman dällerden bolsa haraj salgydyny alypdyrlar.

Kiçi Aziýada emele gelen Seljuk döwleti “Beýik Seljuklar” döwletine ýarym garaşly bolupdyrlar. Ÿagny şol döwletiň bir bölegi bolupdyrlar.

Bu döwleti soňra Rum soltanlygy diýip atlandyrypdyrlar. Olar Kiçi Aziýany Wizantiýanyň bir bölegi diýip düşündiripdirler. Rumlylar diýip at beripdirler.

Kiçi Aziýada XII asyra çenli Seljuklar döwletiniň iň ösen döwri bolupdyr. Ol döwürde ýurt ykdysady we syýasy taýdan has ösüpdir. Ÿer döwlet eýeçiliginde bolupdyr. Ikta görnüşindäki ýerler hem bolupdyr. Olar nesilden-nesile geçipdir. Ikta ýerini gulluk borjuny ýerine ýetiren adamlara beripdirler. Şol döwürde şäherler, söwda, senetçilik has ösüpdir. Has iri şäherler Konýe, Siwas, Kaýseri bolupdyr. Bularda 10 müňlerçe adam ýaşapdyr. Ähli resminamalar pars dilinde ýazylypdyr. Ÿagny, arap-pars medeniýeti ýaýrapdyr. Konýe şäherinde (1207-1273ý) beýik musulman şahyry Jelaletdin Rumy ýaşapdyr. Seljuklar (türkler) gelenden soň ýerli halklar bilen olar garyşyp ýaşapdyralar.

Ÿaňky bellenilişi ýaly türki taýpalaryň gelmegi bilen ýerli halkdan tapawutlylykda täze göçüp gelen türkler Beýik seljuk hökümdarlaryna boýun egmekislemändirler, ýa-da salgyt tölemekden boýun gaçyrypdyrler.

Emma soltanyn oňa ýol bermezligi bolsa, göçüp gelip eýýäm ýer eýelerine öwrülen türkleriň närazyçylygyny döredipdir.

Bu närazyçylyk bolsa, ýurtda antifeodal gozgalaňlaryň bolmagyna getiripdir.

1239-njy ýylda dindar Baba Isa Baba Ilýas Harasaniniň ýolbaşçylygynda gozgalaň turuzypdyrlar. Gozgalaň tiz wagtdan basylyp ýatyrylypdyr. Ÿöne muňa garamazdan içki agzalalyklar artypdyr. Bu ýagdaýdan daşary ýurtlylar peýdalanypdyrlar. 1243-nji ýylda Mongollar bu

ýerlere çozup getiripdirler. Şol ýylyň ýazynda Kiýaseddin Keýhosrow II 80 müň atly bilen Mongollara garşy çykyş edýär. 1243-nji ýylyň Iyun aýynyň 1-ne mongol Baýju bilen Keýhosrowyň arasynda aýgytly söweş bolupdyr. Netijede seljuklar ýeňilipdirler.

Köse Dag, Siwas, Kaýseri şäherleri eýeleýäpdirler, Seluklar mongollaryň gol astynda geçipdir. Soňy bilen bolsa, seljuklaryn beýleki şäherleri Zanguldak, Belu, Eskişehir Kutahy Afgan, Karahisar, Beýşehir Karaman Mersin şäherleri mongollaryň gol astyna geçýar.

Mongollaryň gelmegi bilen Seljuklaryň ýagdaýy pese gaçypdyr. Taryhçy Kerimeddin Mahmud Aksaraý Seljuk soltanla

rynyň üstünden mongollaryň agyr salgyt salandygyny ýazypdyr. Őnümçilik oba-hojalyk pese gaçypdyr. Şäherler weýran edilipdir.

Bu ýagdaý umuman ýerli halky gahar-gazaba mündüripdir. 1261-76-78-nji ýyllarda uly gozgalaňlar bolupdyr. Olar Kaýseri şäherini eýeläpdirler. Olara baramanly türkler hem goşulypdyrlar. 1278-nji ýylda gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr.

## Tema: Kiçi Aziýada Osman döwletiniň döremegi. Osman döwletiniň giňemegi we ösmegi.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda Kiçi Aziýada döredilen Osman türkmenleriniň döwleti hakynda şeýle beýan edilýär. 624 ýyllap dowam eden şol döwrüň içinde 36 adamyň soltanlyk eden Türkiýedäki Osman türkmenleriniň döwleti Seljuk türkmenleriniň nebereleri tarapyndan Anadolyda 1300-nji ýylda Marydan ikinji ýöriş eden Seljuk türkmeni Ärtogrul Gazynyň ogyly Osman Gazy tarapyndan binýat edildi.

1258-nji ýylda doglan Osman Gazy bellei türkmen serkerdesi Ärtogrul Gazynyň üçüňji oglydyr.

1277-nji ýylda Söwütde, Anadolyda mesgen tutan türkmen toparlary özleriniň daşary ýurt duşmanlary tarapyndan her hili horluklara sezewar edilýändigini, howandar, goldaw isleýändiklerine aýdyp, ata-Watanyň – Maryda ýaşaýan howandarlaryna, Ärtogrul Gaza ýörite habar ýetirýärler. Şol habar esasynda Maryda ähli türkmen taýpalarynyň gatnaşmagynda maslahat geçirilýär. Netijede Ärtogrul Gazy 400 sany ýigidi bilen Anadolydaky türkmenlere goldaw kömek bermek üçin ugraýar.

Ärtogrul Gazynyň ýolbaşçylygynda Merwden ugran 400 atly Oguz hanyň her bir türkmen esgeri müň duşmana taý bolmalydyr diýen wesýetine berjaý edip biljek, ata-beglerden söweş, serkerdelik tilsimatlaryny bir kemsiz öwrenen saý ýigitlerdi.

1071-nji ýylda Çagry Batyryň ogly Alp Arslan Rum iliniň derewezesini açmak üçin Wizantiýa hökümdarlygy bilen gazaply söweş edýär. Bu söweşde türkmenler uly ýeňiş gazanýarlar. Gysga wagtyň içinde tutuş Anadolyny ele geçiren türkmenler bu ýere Yslamy ýaýradyp, halkyny türkmenleşdirip başlaýarlar. Malazgirt söweşiniň netijesinde Anadoly türkmenleriň eline geçýär. Anadolyda 1075-nji ýylda Anadoly türkmen döwleti gurulýar, bu döwlet 1308-nji ýyla çenli dowam edýär. Eýýäm 1300-nji ýyllara çenli Anadoly Seljuk türkmenleriniň döwleti dargap başlaýar. Onuň ýerini ýuwaş-ýuwaşdan türkmen beglikleri alýar. Taryhda Osman türkmen döwletini döreden şol türkmen beglikleridir.

Ärtogrul Gazy dogany Dindar bilen Anadolynyň ýollaryny baglaýar. Beýleki iki dogany Gündogdy bilen Sungur hökümdar Horasana dolanýar. Ärtogrul Gazy "Bu 400 türkmen öýliden bir döwlet dünýä iner" diýip, altyn sözleri aýdypdyr. Olar Anadolyda birnäçe ýerlerden geçip 1270-nji ýylda Söwdi Wizantiýalylardan basyp aldylar. Seljuklylaryň soltany Aleddin Keýkubat bu ýeňiş üçin Söwdi oturmaga, Domaniç we Ermeni dagyny bolsa, ýaýla üçin Ärtogrul bege berdi. Ärtogrul beg

tiresi bilen Söwde ýerleşdir. 1281-nji ýylda 93 ýaşynda wepat bolýar.

Ärtogrul Gazydan begligiň başyna ogly Osman geçdi, 1300-nji ýylda bolsa Anadolydaky türkmen begleri toplanyp uly döwlet döretdirler.

Osman beg beýleki doganlaryndan aýratyn tapawutlanmaýardy. Ỳöne baryp ýatan bir häkimiýetçilik häsiýeti bardy. Kakasy wepat bolandan soňra, tiräniň ähli begleri hem Osman Gazynyň tiräniň başyna geçmegini isleýärler. Ol begligiň başyna geçen wagty 23 ýaşynda bolupdyr. Osman beg türkmeniň görmegeý ýigidi bolupdyr, ol uzyn boýly, giň döşli, galyň we çytyk gaşly, ala gözli we goç burunly bolupdyr. Iki gerdeniniň arasyndaky gaty giň bolupdyr, göwresiniň bilden ýokary bölegi aşaky bölegine görä has uzyn bolupdyr.

Kakasy Ärtogrul Gazy ölüm ýassygynda ýatyrka şeýle wesýet edipdir diýip taryhy çeşmelerde görkezýär: “Oglum! Ölümine boýun egmän dünýä gelen hiç bir adam ýokdur. Maňa-da Hezreti Allanyň emri bilen ölmüm ýakynlaşdy. Bu döwleti saňa amanat edýärin. Seni hem Taňra tabşyrdym. Her işiňde adalaty ýokarda goýup” kakasy Ärtogrul Gazy bilen Osman begiň guran döwleti soňlugy bilen Osman döwleti adyastynda dünýäniňň üçden biriniň 600 ýyldan gowrak wagtlap höküm edýär.

XIII asyryň başlarynda ägirt uly Seljuklar nesilşalygynyň eýelän ýerlerine gündogarda kuwwatly Mongol döwletiniň çapawulçylykly we basyp aljylykly ýörişler başlanýar.

Mongollaryň çozup girmegi bilen bu ýurt 2 topara bölünýär: 1.Gündogar Anadoly Hulaguiler (Ilhanylar) döwletine degişli bolupdyr.

2. Rum Seljuklary mongollara garşylygyna garamazdan günbatar we Merkezi Anadola hökümdarlyk edipdirler. Soňra bular hem birnäçe emirliklere bölünipdirler.

Umuman aýdanymyzda XIII asyrlaryň II ýarymynda we XIV asyryň I ýarymynda Merkezi we günbatar Anadolyda 20 golaý emirlikler döredipdirler.Olaryň käbiri döräp derrew dargapdyrlar. Käbirleri bolsa iri döwletlere öwürlipdirler. Mysal üçin Karamanly emirligi. Bu emirlik XIII asyryň 60-njy ýyllarynda Tawr daglyk raýonlarynda döräpdir. Bu emirlikler mongollara garşylyk görkezmekde ökde bolupdyrlar. Olar kem-kemden öz territoriýasyny giňeldip, Konýe şäherini eýeläpdirler. Ondan başga-da Germian emiriligi şol döwürde bolupdyr. Bu emirligiň paýtagty Kutahýe şäheri bolupdyr. Olar hem öz territoriýasyny Ankara şäherine çenli giňeldipdirler.

1258-nji Ärtogrul Gazynyň esaslandyran demirgazyk-günbatar Kiçi Aziýada ýene bir uly Osman emirligi döräpdir. Bu döwletde serhet ýakasynda ýerleşen raýonlara Uj diýip at beripdirler. Eskişehir atly uly bolmadyk Ujy Osmanyň kakasy dolandyrypdyr. Bu özbaşdak Uj Osman emirliginiň döremegine sebäp bolupdyr. Osmanyň döwründe Osmanyň ogly Orahna tarapyndan Bursa (Brusa) galasy basylyp alnypdyr we täze paýtagta öwrülipdir. Soňra Nikeýa Nikolidiýa (Izmir) eýeleýär. Osmanlara emma şol döwürde Wizantiýanyň paýtagtyny almak başartmandyr.

Osman emirligi ilki ýönekeý dolandyryşda bolupdyr. Orhan we onuň kakasy emir hökmünde ýurdy dolandyrypdyrlar.

Arap syýahatçysy Ibn Batuta 30-40-njy ýyllarda Kiçi Aziýa syýahat edipdir. Ol emir Orhana şeýle baha berýär: “Ol türkmen emirleriniň arasynda iň başarjaňy, iň baý hazynaly, şäherleri-de baý, köp esgerli goşuny bar”.

Ýerleriň giňelmegi bilen Osman emirligini dolandyrmak kynlaşýar. Ýerler aýry-aýry wezirlere paýlanyp berilýär. Şol döwürlerde ilkinji “Akçe” teňňe dikçelenipdir.

Goşunda hem üýtgeşmeler bolup geçipdir. Aýratyn pyýada goşun bölümleri bolupdyr. Ýöriş mahalynda esgerler

günaşa 1 akçe hak alypdyrlar. Parahatçylyk wagtlary olar ýerden hasyl alypdyrlar.

Wizantiýa, Serbiýa, Bolgariýa, Bosniýa şol wagtlar özbaşdak döwlet bolupdyr. Olar Balkanlarda ýerleşipdirler. Günorta gündogar Ÿewropa ýurtlarynyň feodallary biri-biri bilen duşmançylykda bolupdyrlar.

Balkna döwletleriniň pese gaçmagy bilen olar türk-osmanlylarynyň çozuşlaryna sezewar bolupdyrlar.

Ilkinji çozuşlar 1353-1357-nji ýyllarda başlanýar. Günorta we gündogar Ÿewropanyň kyn we agyr ýagdaýyndan peýdalanyp 30 ýylyň dowamynda olar ýarym adanyň bir bölegini tutuşlaýyn eýeläpdirler. Őňki Kiçi Aziýadaky paýtagtyny Balkandaky Adrianapol (edirne) şäherine geçiripdir. Konstontinopolyň üstünden geçen türk osmanlar Serblere garşy hüjüm geçiripdirler. Serbler ýeňilýär. 1393-nji ýylda türk osmanlar Bolgariýanyň paýtagty Tyrnowo şäherini eýeleýärler. 1369-njy ýylda bolsa, Nikopol bilen çaknyşýar we ýeňýär.

Osmanlylaryň Balkana çozmagy olaryň ykdysady taýdan ýagdaýynyň pese gaçmagyna getiripdir. Ilki türk osmanlar diňe talaňçylykly ýöriş eden hem bolsalar, indi olar ýerlerini giňeltemek üçin basybalyjylykly çozuşlary edip başlaýar. Şeýlelikde Osman döwleti emele gelýär.

Osman dolandyryjylary ýerleri şertli beripdirler. Olara timarlar diýipdirler. Ilkinji timarlar-ol hem Sipahi nesilden-nesile geçmeýän (ненаследственные). Bu ýerleri ermeniler hökman harby gullugy ýerine ýetirmeli diýen şerti bilen beripdirler. Olaryň easy borçlary ýörişlere gatnaşmak şertli ýerler özleriniň girdejileri bilen tapawutlanypdyrlar. 3 müňden 20 müňe çenli girdeji getirýän timarlara hususy timarlar diýipdirler. Sipahiler diňe bir harby gullugy ýerine ýetirmän, eýsem ýerlerdäki tertip-düzgüne, döwletiň öňündäki borçlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmeli bolupdyrlar.

Osman soltanlygynyň goşunynyň bir bölegini ýanyçarlar düzüpdirler. Ýurtlardan bolan gullardan, ýesirlerden düzülen goşun bolupdyr.

Käbir çarwaçylyk we ekerançylyk bilen meşgul bolýan türkleriň 1402-nji ýyldaky Timuryň çozmagyndan soň ykdysady ýagdaýy pese gaçýar. Soltanlar olaryň azatlyklaryny, hukuklaryny çäklendirýärler. Netijede halk hereketleriniň bolmagyna getirýär. Bedreddin Simawi bu hereketleriň ýolbaşçysy bolýar. Taryhçylaryň aýtmagyna görä, Bedreddin öz zatlaryny garyplara paýlap beripdir. Ol şeýle karara gelipdir. Emläk deňligini diňe rewolýusion ýol bilen gazanyp bolýar. 1416-njy ýyllarda açyk gozgalaň başlanýar. Şol ýylyň ýazynda Bedreddiniň şägirtleri Mustafa Börükwe Torlak Kemal Jimirde, Manisyda gozgalaň turuzypdyrlar. Olaryň talaby ählumumy deňlik bolupdyr. Onuň hereketi antifeodal häsiýetli bolupdyr.

Ol gozgalaňçylaryň düzen otrýady 10 müň adamdan hem geçipdir. Olar birbada soltanlygyň goşunlaryny yza serpikddiripdirler. Ýöne olar gozgalaňy giňeltmek ugrunda hereket etmändirler. Gozgalaňyň ýolbaşçylary duran ýerinde hereket edip, goranyş taktikasyny ulanypdyrlar. Türk soltany Mehmet I Mustafanyň soňra Torlak Kemalyň goşunlarynyň soňuna çykypdyrlar.

Bedreddin Walahiýa şäherine gaçypdyr. Soňra Dunaý derýasynyň üsti bilen Deli şäherine barypdyr. Ol ýerde özüni Mati ady bilen çalyşyp, herekete başlaýar. Gozgalaňy basyp ýatyrýarlar. 1416-njy ýylyň Dekabr aýynda jezalandyrylyp öldürilýär.

1402-nji ýylda Angorada Baýazit çep gözi kör bilen Timur agsagyň arasynnda söweş başlanypdyr. Baýazit ýesir alynypdyr Konstontinopolyň basylyp alynmagy ýene yza çekilipdir.

## Tema: Osman döwleti XV-XVII asyrlarda.

XV asyryň başlarynda Timur özüniň güýçli goşuny bilen Kiçi Aziýa zarba urýar. Ol türk soltany Baýazit I-den boýun egmegini talap edýär.Muňa Bayazit I razy bolmaýar.

1402-nji ýylda Ankara şäheriniň ýanynda teýmirleň bilen türkleriň arasynda uly söweş bolyar. Söweşde türk goşunlary ýeňilýär. Baýazit we onuň iki ogly ýesir alynýar. Ÿurdy dargatmak üçin (basylyp alynan soň) Timur Osman imperiýasynyň wassallaryndaky beýliklere özbaşdaklyk berýär. Osman dinastiýasynyň öz eýeleýän teritoriýasyny bolsa, Timur Baýazit I-iň ogullaryna paýlap beripdir. 3 ogly Kiçi Aziýada soltanlyk edipdir, 1 ogly bolsa Ÿewropanyň territoriýasynda paýtagty Andrianapol şäherinde soltanlyk edipdir. Netijede bu 4 doganyň arasynda tagt ugrunda göreş başlanýär. Musa Süleýmany tagtdan agdarýar. Emma Musany bolsa, Mehmedtagtdan agdarýar. 1413-nji ýyldan başlap ol Mehmed I ady bilen ýurdy dolandyryp başlaýar.

Timuryň çozuşlary we Baýazit I-iň ogullarynyň tagt ugrynda özara söweşleriniň netijesinde Osman imperiýasynyň daýhanlarynyň ýagdaýy has kynlaşypdyr. Netijede olar dini öwüt-ündewlere uýmak bilen özleriniň gizlin toparyny döredipdirler.

Gizlin dini guramalaryň birine şeýh Bedreddin ýolbaşçylyk edipdir. Ol: “Tiz wagtdan ýere Mäti gelip, halka adalaty paýlar” diýip öwüt-ündew beripdir.

Bedreddiniň okuwçylarynyň biri Mustafa Börüklije we Torlak Kemal bolupdyr.

1416-njy ýylda ol ikisi halky gozgalaňa çagyrypdyr. Gozgalaňyň esasy ojagy Ÿesmen ýarym adasy bolupdyr. Gozgalaň Izmir raýonynda Manisa şäherinde hem möwç alýar.

Emma bu gozgalaňçylar tiz wagtyň içinde soltan Mehmet I-iň goşuny tarapyndan basylyp ýatyrylýar. Bedredddin Bolgariýanyň demirgazyk gündogarynda Deli

Orlana gaçypdyr. Ol ýerde özüni Mäti diýip yglan edip göreşini dowam edýär.

1416-njy ýylda Bedreddin tussag edilipdir we Dekabr aýynyň 18-ne jezalandyrylyp öldürilipdir.

2. Soltan Myrat I-iň döwründe (1421-1451) türk goşunlary öz basybalyjylykly syýasatyny dowam etdiripdir. Myrat I Kiçi Aziýadaky ähli beýliklere we Konstantinopola şeýle hem Balkanlardaky döwletleri gutarnykly boýun egdirmek isläpdirler.

1444-nji ýylda türk goşunlary Transilwaniýada çeh we winger goşunlary bilen çaknyşýar. Çehlariň we Wengerleriň goşuny soňra Ÿanowş Hunýadiniň ýolbaşçylygynda Kosowada ýene-de çaknyşýarlar. Türk goşunlary iki söweşde hem ýeňiş gazanypdyrlar.

Soltan Mehmed II (1451-1481) öz döwründen öňki soltanlaryň eýeläp bilmedik Konstantinopol şäherini eýelemek isläpdir.

Şol wagtda Wizantiýa imperiýasynyň iň soňky elinde galan ýeri Konstontinopoldy. Emma Wizantiýa goşunlarynyň harby taýdan kuwwaty pesdi.

Netijede 50 günlik gabawdan soň türk goşunlary 1453-nji ýylyň Maý aýynyň 29-na Konstantinopola zarba urup, ony eýelemegi başarypdyrlar. Şol wagtky Wizantiýanyň imperatory Konstantin XI Palsalog öldürilýär. Konstantinopoly eýeländen soň türkler ony Stambul diýip atlandyrypdyrlar.

Mehmed II paýtagty bu şähere geçiripdir. Konstantinopoly eýeläni üçin, türkler oňa fetih (завоеватель) lakamyny beripdirlar.

1459-njy ýylda Mehmed II serbleriň garşylygyny doly böwsüp geçip, Serbiýany eýelemegi başarypdyrlar. Konstantinipol eýeleninden soňKiçi Aziýanyň territoriýasynda uly bolmadyk iki sany Moreýa we Trapezunt knýazyny saklanyp galypdyr. Moreýa 1460-njy ýylda 1461-nji ýylda

Trapezunt imperiýasyny basyp alýar. Bosniýä 1463-nji ýylda basylyp alynýar.

1479-njy ýylda türkler Wizantiýa degişli birnäçe adalary (Egeý deňzindäki) eýeläpdirlar. 1483-nji ýylda Gersogowinany eýeläpdirler. Netijede XV asyryň ahyryna çenli Türkiýe Balkan ýarym adasyny dolulygyna gutarnykly basyp alýar.

1473-nji ýylda Karamanly beýligini (Merkezi Konýa) 1475-nji ýylda Kiçi Aziýanyň gündogarynda ýerleşen Ak goýunly türkmen döwletini (ýolb. Hasan beg ýa-da Uzyn Hasan) boýun egdirýärler.

1475-nji ýylda Türkler Krymy eýeleýärler..

4. Myrat II bilen Mehmed II-niň döwründe harby len sistemasy (timor we damet) dowam edipdir.

Harby len sistemasy 1365-nji ýylda kabul edilýär. 1368-nji ýylda basylyp alynan ýerleri döwletiňki diýip hasap etmeli diýip kanun çykarýarlar. Iri ýerler – zeonetler, ownuk ýerler – sypahy diýip atlandyrylýar. Bu ýerler ýanyçarylara (ýene çerk- täze goşun) esgerlere, harbylara berilýär. XV asyrda len ýerleri nesilden-nesile geçirmek düzgüni girizilipdir.

## Tema: Osman döwleti XVI asyryň II yarymynda, XIX asyrda.

Harby len ulgamynyň pese gaçmagy XVI asyryň I ýarymyndan duýulyp başlaýar, eýýäm şol asyryň II ýarymynda bolsa ol güýçlenip başlaýar. Osman imperiýasynda len ulgamynyň pese gaçmagynyň has güýjemegi timarlaryň bölünmegi we olaryň harby-len häsiýetini ýitirmegidir. Şunuň bilen bir hatarda türk harby ulgamy hem pese gaçdy.

XVI asyryň II ýarymynda timarlaryň bölünmegi has güýçlendi. Süleýman Kanuniniň mirasdüşeri Soltan Selim II-den (1566-1574) Rumemeý we Anadoly beýbeýine karar gelipdir. Ol karada harby len ulgamynyň pese gaçmagynyň 3

sebäbi görkezilýär: 1. Beýlerbeýligiň özbaşdak (rugsatsyz) len-sipahileriň möçberini artdyrmaklygy; 2. Lenleriň ownadylmagy. Onda şeýle diýilýär: “Sen doly lenden 1000 ýa-da ondan-da artyk akçe girdeji getirýän bölümini aýyrýaň Beraty (ýeri (leni) ulanmak barada rugsatnama haty) diňe 5-6 akçe girdeji getirýän leniň bölegine berýän, galanlaryny bolsa, şol leni gazananlardan ýygnarsyň” diýýär. Yene-de azat bolan lenler örän ownuk böleklere dargaýarlar. Şonuň üçin iri (1015 müň akçe) akçe girdeji berýän lenler seýrek duş gelýär. Netijede len sistemasy tertipsiz hala sezewar bolupdyr. 3. Käbir Beýlerbeýleri Soltanyň ýerine ýetirmeli wezipesini özbaşdak ýerine ýetirýärler. Ÿagny, olar len ulanmak baradaky beraty rugsatnama hatyny özleri özbaşdak beripdirler.

Şol karar beýlerbeýilere şeýle bulagaýlyklaryň bolmagyny gadagan edýärler. Ÿagny, lenleri ownatmagy, len nesilden-nesli geçende ownadylmaly däl, olary mirasdüşerlere umumy eýeçilige bermeli.

Soltan SelimII bu karary bermek bilen harby len sistemanyň pese gaçmagynyň öňüni almak isläpdirler. Çünki harby len sistemasynyň pese gaçmagy feodal opolçeniýeleriň (meýletin goşunynyň) sanynyň azalmagyna getiripdirler.

Bu sistemanyň pese gaçmagy 250 ýyla golaý dowam edipdirler. Soltanlar hem onuň öňüni alyp bilmändirler. Çünki len sistemasy öz içinde garşylygyň ýüze çykmagy bilen pese gaçypdyr. (Soltanlaryň bolsa, onuň öňüni almaga)

Umuman aýdanymyzda harby len sistemasynyň pese gaçmagynyň esasy sebäbi dyngysyz söweş alyp baran türk feodallarynyň arasynda garşylygyň ýitileşmegidir. Onuň ýene bir sebäbi ýagny ownuk we orta ýer eýeçiliginiň hasabyna iri ýer eýeçilikleriniň döremegidir.

Şularyň netijesinde garyp düşüp başlan timarioatlaryň hem indi öz borçlaryny ýerine ýetirmäge höwesleri gaçypdyr. Olar harby ýörişlere söweşlere gatnaşmakdan boýun towlaýarlar. Ol sistema öz häsiýetini ýitirip başlaýar. Ÿagny ol

harby eýeçilikden adaty eýeçilige, harby borçnamalaryny ýitiren adaty feodal eýeçiligini öz häsiýetini çalşypdyr.

Harby len sistemasynyň pese gaçmagy diňe bir feodal opolçeniýäň azalmagy bilen howply bolman, eýsem sosial häsiýetde ýagny, feodallaryň eden-etdiliginden närazy bolan timariotlar özleriniň närazyçylygyny bildirip çykyş edip başlaýar.

Sistemanyň pese gaçmagy bilen bu imperiýanyň harby ýagdaýy örän pese gaçýar. Şol döwürde Osman imperiýasy Kiprden başga hiç ýerini basyp almandyr.

Şeýle hadysa XVI asyryň II ýarymyndan başlap, feodal rentasyny paýlaşmak ugrunda 3 gatlagyň arasynda: soltanyň başda durmagynda merkezi häkimiýetiň, prowinsiýalardaky iri feodallaryň we ownuk feodallaryň – timariotlaryň arasynda garşylygyň ýitileşmegine getiripdir. Türk feodal ýer eýeçilik kategoriýalary: timarlar, hassalar, ziametler; wakf we feodallaryň hususy ýerleri – mülk ýerler. Timarlar, hassalar we ziametler 2 bölekden durupdyrlar. Hasaçiwlik we hisse. 1 Hassaçiflik – gylyç haky (ýeri )- gahrymançylyk görkezenligi üçin berilipdir. Timarlarda ol girdejisi 3 müň akçeden geçen ýerler hasaplanylýar. Ziametde girdejisi 5 müň akçeden geçen ýerler hasaplanylýar. 2. Hisse (hak) munda bolsa feodallaryň özleri hem söweşlere gatnaşmalydy we urşujylary özleri saýlamalydy.

Şeýle garşylyklar netijesinde halkyň, daýhanlaryň hal-ýagdaýy ýaramazlaşýar. Salgytlaryň möçberi ummasyz artdyrylypdyr.

XVII asyryň başlarynda osman imperiýasynyň içerki ýagdaýy ýene pese gaçypdyr. Has hem onuň ykdysady ýagdaýy ýaramazlaşýar. Gazna gelýän girdejiniň möçberi azalýar. Şeýle ýagdaý Myrat IV-niň, Mehmed IV döwründe-de ýüze çykypdyr. Adaty bolşy ýaly, girdejiniň köpüsi regulýar saklamak üçin sarp edilmeýärdi. Gazna gelýän girdeji bolsa, çykdajynyň möçberini ödäp bilenokdy.

Şu ýetmezçilikleriň öňüni almak üçin soltan hökümeti galp monetalary ýasamak, wezipeleri satmak ýaly galp işlere ýüz urýardy. Hökümet işgärleri ähli baýlygy öz şahsy bähbitleri üçin ulanyp başlaýar. Ondan başga-da wezirlik, paşalyk ýaly kärleri satmaklyk häkimetde bulagaýlyga getiripdir. Kärleri eýeläp ýetişmänkäler, eýýäm ol kär başga birine satylýar.

Ykdysady we syýasy krizisiň emele gelmegi netijesinde birnäçe tolgunşyklar bolupdyr. 1651-nji ýýlda Stambulda söwdagärler, senetçiler pullary galplaşdyrylmagyndan nägile bolup aýaga galýarlar. Melek Ahmet paşanyň buýrugy boýunça Belgradda, Albaniýada, Bosniyada pes probaly zikgelnen monetalar sehlere ýaýradylyp başlaýar. Netijede sehler aýaga galýar. Olar wezirden adalaty talap edýärler.

Osman imperiýasynyň XVII asyryň ortalarynda harby kuwwatynyň pese gaçmagy mese-mälim duýulýar. Imperiýanyň goşunlary XVII asyryň 50-nji ýyllarynda Wenesiýalylar bilen alnyp barylan söweşlerde şowsuzlyklara uçraýar.

Osman imperiýasynyň kuwwatynyň gowşamagy günbatar ýurtlaryň ýakyn gündogaryň öz harytlaryny getirip, öz pozisiýalaryny güýçlendirilmegine mümkinçilik beripdirler. Esasan Angliýa, Gollandiýa Osman imperiýasyna öz harytlaryny ýarag gurallaryny, metallary getirmäge başlaýar.

XVII asyryň ortalarynda Türkiýäniň halkara ýagdaýy ýaramazlaşýar.

Awstriýa Osman imperiýasyndan wenger häkimiýetini almak ugrunda göreşýärdi.

Russiýa bilen Polşa bolsa Ukrainany eýelemek ugrunda göreşipdirler. Ukrainanyň Russiýa birlkeşdirilmegi Polşa bilen Russiýanyň arasynda Ukraina we Belorussiýanyň üstünde uruş bolmagyna getiripdir.

1666-nji ýylda Polşa bilen Türkiýäniň arasynda Ukrainanyň ýerleriniň üstünde uruş başlanýar. Russiýa bolsa

Polşa kömek berjekdigini soltana habar beripdir. Netijede 1676-njy ýylda Žurawnoda (Dnestrede) ylalaşyk baglanşylýar. Ylalaşyk boýunça Turkiýe Ukrainanyň 3/1 bölegini Polşa bermäge mejbur bolupdyr. 1677-nji ýylda Russiýa bilen Turkiýanyň arasynda Kiýewi eýelemek üçin uruş başlanýar. Russiýanyň türkleri Ukrainadan kowmaga şol wagt ýagdaýy ýokdy. Netijede 1681-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 13-ne Bahçisaraýda Russiýa bilen Turkiýanyň arasynda ýaraşyk baglaşylýär. Şol şertnama boýunça 20 ýyllyk möhlet bilen çep kenar Ukraina we Kiýew Russiýanyň hasabyna we sag kenar Ukraina Osman imperiýasynyň hasabyna galýar.

Wengriýanyň territoriýasyny eýelemek ugrunda Turkiýe bilen Awstriýanyň arasynda 1683-nji ýylda uruş başlanýar. Awstriýalylar uly şöhrat gazanýarlar. Olar 1689-njy ýylda Bolgariýanny eýeleýärler. Bu bolsa fransuzlary ynjalyksyzlandyrýardy. Netijede fransuz koroly Lýudowik XIV öz goşunyny Reýn derýasynyň kenaryna iberýär. Netijede Awstriýalylar yza çekilipdirler. Pursatdan peýdalanyp, awstral goşunyny Turkiýe Bolgariýadan, Serbiýadan, Transilwaniýeden kowup çykardy. 1697-nji ýylda awstraliýalylar ol ýerlere täzeden hüjüm edip ony eýeleýärler.

1698-nji ýylda Slawaniýanyň Karlowisi şäherinde Türkiýäniň, Awstriýanyň, Polşanyň, Wenesiýanyň, Russiýanyň gatnaşmagynda konferensiýa geçirilýär. Konferensiýada Gollandiýa we Angliýa aralykçy bolup çykyş edýär. 1699-njy ýylyň Türkmanbaşy aýynyň 26-na gol çekilen ylalaşyk boýunça Turkiýanyň birnäçe raýonlary ol ýurtlara birleşdiripdirler. Şu territorial ýitgiler netijesinde feodallar uly ýitgiler çekipdirler.

Daşarky halkara uruşlar Turkiýede soňsoňlar hem dowam edipdir. Şeýle territorial uruşlar 1725-1727-nji ýyllarda Eýran bilen hem bolupdyr. Şol uruşlardan soňra Turkiýede daýhanlaryň we şäher garyplarynyň nägilelikleri artdy. Nägilelikler hünärmentçileriň we söwdagärleriň arasynda hem

duýulyp başlaýar. Olar galp monetalaryň zikgelenilmeginden nägile bolupdyrlar. Köp daýhanlar obalardan gaçyp gidipdirler. Bu bolsa oba hojalyk önümleriniň pese gaçmagyna getiripdir. Ýurtda şu bulagaýlyklaryň bolmagy gozgalaňyň turmagyna sebäp boldy. Netijede 1730-njy ýylyň Sentýabr aýynyň 28-ne açyk gozgalaň başlanýar. Gozgalaňa asly alban Patron Halil ýolbaşçylyk edipdir. Onuň birnäçe arkadaşlary bolupdyr. Kuçuk Muslu, Aly Ussa, Ahmet idunju (odungy), Derwüş Mehmet we ş.m. gatnaşypdyrlar. Stambulyň ýaşaýjylary olara kömek beripdirler. Patron Halil wezirlere, soltan häkimetine garşy aç-açan çykyş edipdir. Ol ähli söwdagärleri, hünärmentçileri öz tarapyna çekipdir.

Soltan hakimeti birnäçe gezek Patron Halil bilen gepleşik geçirmäge synanşypdyr. Emma bu başa barmaýar. Gozgalaňçylar wezir Ibragim Paşany eden galp işleri üçin suda bermekligi talap edipdirler. Emma soltan bolsa onuň janyny halas etmek üçin ony işden boşadypdyr.

Gozgalaňçylar munuň bilen razy bolmandyrlar. Gozgalaň umuman, 1731-nji ýylyň Mart aýynyň 16-na häkimet goşuny tarapyndan doly basylypo ýatyrylypdyr.

XVIII asyryň II ýarymynda Harby len sistemasynyň krizisi has hem çuňlaşýar. Soltan Selim III döwründe (1789-1807) lenleriň hasaba alynşygy geçirilýär. Emma has çuňňur krizise düşen len sisitemasy 1834-nji ýýlda ýatyrylýar.

4. Turkiýede harby len sistemasy ýatyrylan soň senagat hem pese gaçypdyr. Emma Ýewropa döwletlerinde bolsa kapitalistik manufaktura barha güýjeýärdi.

Ykdysadyýetiň pese gaçmagynyň easy sebäbi içrki bazar darlyk edýärdi. Őnümçiligiň hili pese gaçýardy. Őnüm öndürijileriň girdejileri azalýar. Onuň üstesine-de içerki türk bazarlaryny daşary ýurtly söwdagärler eýeleýär. Daşary ýurtlylaryň harytlarynyň konkurensiýasy türklere eýgertmeýärdi. Daşary ýurtlylara soltanyň söwda etmek üçin beren rugsatnama haty (berat) köp kömek edýärdi.

Soltan hökümetiniň wezipeli adamlary diňe baýlyga eden-etdilige ýüz urýardy. Türkiýede söwda buržuaziýasy güýçli rol oýnaýardy. Olara grekler, ermeniler, ýewreýler öz harytlaryny satyp başlaýarlar.

XVIII asyryň 30-40-njy ýyllarynda Türkiýe ýewropalylara ykdysady we syýasy taýdan bagly bolup başlaýar.

Ol döwürde Türkiýe Angliýadan we Fransiýadan Russiýa garşy göreşde (Pýotr I döwründe başlan) goldaw tapýardy. Ÿewropa döwletlerine Türkiýäniň syýasy tarapdan bagly bolmagy olaryň ykdysadyýetini ýewropalylara bagly bolmagy bilen baglanşyklydyr.

Daşary söwda netijesinde ýerli söwda hem-de senagat köp ýitgi çekýärdi. Iňlisler, Fransuzlar, Gollandlar Türkiýede söwda etmek üçin, hat-da türkleriň peýdalanyp bilmedik ýeňilliklerinden peýdalanypdyrlar.

Ykdysady we syýasy krizis netijesinde Ÿewropa ýurtlaryna bagly bolup barýan Türkiýe döwletiniň öz içerki goşunyny saklamaga harby bazasyny giňeltmäge gurby ýetenok. Sebäbi daşary söwda netijesinde ykdysady baglanşygyň emele gelmegi bilen döwlet gaznasy az girdeji berýärdi. Fransuzlaryň kömek bermegi bilen türk goşunlary Ÿewropa stlilinde dikeldip, harby bazany gurplandyrmak üçin XVIII asyryň 30-40-njy ýyllarynda synanşma edilýär. Emma feodal toparlaryň, (ýerli) dindarlaryň, türkleriň aşaky we ýokarky wekilleriniň garşylyk görkezmegi bilen bu synaşyk başa barmaýar.

5. Ukrainanyň Russiýa birikdirilmeginden soň Turkiýe bilen onuň gatnaşyklaryny ýitileşdirýär. Garşylygyň ýitileşmeginde esasy sebäp bolan zat: Türk soltanlaryna degişli bolan krym we nogaý tatarlarynyň Russiýa territoriýasyna häli-şindi garakçylykly çozuşlary; Rus söwda gämilerine Gara deňzinde we Orta ýer deňziniň aýlaglarynda ýüzmegi türkler tarapyndan gadagan edilmegi (Pýotr I döwründen bäri bu

gadagan edilen düzgüniaýyrmak isleýärler. Ÿöne başa barmaýar). Eýle hem soňraky wagtlarda türkleriň eýelän Balkan ýarym adasynda we Kawkazda Russiýanyň täsiri artyp başlaýar.

Beýleki Ÿewropa döwletleri Türkiýe bilen Russiýanyň gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagyy isleýärler. Sebäbi Russiýayň harby kuwwatyny olar diňe şeýle etmek bilen peseltmek isleýärler. (Esasanda Fransiýa)

1720-nji ýylda Turkiýe bilen Russiýayň arasynda parahatçylykly şertnama baglaşylýar. Bu uzak dowam etmeýär. Türkiýe tarapyndan (krym tatarlary) bu şertnamanyň düzgünlerini bozýarlar. Krym tatarlary Russiýa garşy agressiw hereketlere başlaýarlar. Muňa jogap edip 1736-njy ýylda Russiýa Turkiýa garşy uruş yglan edýär. Rus goşuny Kryma zarba urup, hanyň paýtagty Behçisaraýy eýeleýär. 1737-nji ýylyň Iyun aýynda Russiýanyň soýuzdaşy Awstriýa Turkiýa garşy uruş yglan edýär. Awstriýa goşunlary Bosniýa, Serbiýa, Walahiýa zarba urýarlar we birnäçe şäherleri eýeleýärler.

Ÿöne Awstriýa goşunlary bu söweşde ýeňilýär we parahatçylykly şertnama baglaşmaga mejbur bolupdyr. 1739-njy ýylda Awstriýa Turkiýe bilen Bolgariýanyň Sistow şäherinde ýaraşyk baglaşýar. Onuň yz ýany Russiýa hem Turkiýe bilen Belgradda şertnama baglaşýar. Şertnama boyunça Russiýa diňe Azow we Gara deňzinde diňe türk gämilerini ulanyp söwda etmäge huhuk alýar.

1735-1739-njy ýyllardaky söweşde Turkiýanyň üstünlikleri az ähmiýetli bolupdyr. Bu ýurduň pese gaçmagynyň öňuni alyp bilmändir.

Awstriýanyň we Fransiýanyň itergi bermegi bilen 1768-nji ýylda Turkiýa Russiýa garşy uruş yglan edýär. Onuň hem sebäbi rus goşunlarynyň Krym hanlygyna degişli bolan Balta şäherine (Ukraina) girmegi bahana bolupdyr.

Aýgytlaýjy söweş 1770-1771-nji ýylarda bolup geçýär. 1770-nji ýylda rus goşunlary gruzin goşunlary bilen

bilelikde Kawkazda ýeňiş gazanýar. Kutansýa we beýleki şäherleri eýeleýär.

1774-nji ýylyň Maý aýyna çenli söweş dowam edýär. Rus goşunlary A.W., Rumýansewiň, A.,W. Suworowyň ýolbaşçylygynda birnäçe ýeňişleri gazanýar. 1774-nji ýylyň Iyun aýynyň 21-ne Dunaý derýasynyň kenarynda ýerleşýän Guýjuk Gaýnarjy obasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Iki tarap hem Krym hanlygynyň garaşsyzlygyny ykrar edýär. Bu söweşiň netijesinde Russiýa Krymda we Azow deňziniň kenarynda birnäçe ýerleri özüne birleşdiripdir. (Kinburn, Oçakow galalary.) Russiýa şeýle hem türk territoriýasynda erkin ýüzmäge (gämi gatnawlar) hukuk gazanypdyr . Guýjuk Gaýnarjy şertnamasy Osman imperiýasynyň çagşap başlandygyny aňladýar. Ÿöne muňa garamazdan soltan häkimiýeti Russiýanyň düzümine giren ýerlerini yzyna gaýtaryp almagy tama edýärdi. Esasanda olar Krymy yzyna almak birnäçe gezek antirus hereketini gurnapdyrlar. Muňa jogap hökmünde 1783-nji ýylda Ÿekaterina II Krymyň Russiýanyň düzümine doly girýändigi barada karar çykarypdyr.

Türk hökümdarlary Fransiýanyň kömegine bil baglap, 1787-nji ýylda ýene-de Russiýa garşy uruş yglan edýär. Dört ýyl dowam eden söweşde Rus goşunlary ýeňiş gazanypdyrlar. Moldawiýany, Walahiýany, Kawkazy eýeläprus goşunlary özlerine Rumeliýa, Merkezi Anadola ýol açýarlar.

1791-nji ýylyň Oktýabr aýynda Ÿasside rus-türk ýaraşykj gepleşikleri geçirilip başlanylýar.

1792-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 9-na rus-türk şertnamasy baglaşylýar. Russiýa bilen Turkiýanyň araçägi Dnestr derýasy diýilip bellenilýär. Russiýanyň territoriýasyna Oçakow raýony girýär. Türkiýä Ysa Bessarabiýa, moldawiýa gaýtarylyp berilýär.

XVII asyrda bolup geçen rus-türk uruşlary Osman imperiýasynyň syýasy krizisiniň aňry derejä ýetedigini aňladýar.

## Tema: Osman döwleti XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda.

1789-njy ýylda Fransiýada buržuaz rewolýusiýasy başlanýar. Ynkylap garşy käbir uly döwletler göreşipdirler. Görteş türk begzadalaryň Ÿewropadan gysylyp çykarylmagyny nygtady. Türkleriň gol astynda tas tutuş Balkan adasydy. (Serwiýa, Gersogowina) Osman imperiýasy bolsa içerki krizisi başdan geçirdi. XVIII asyryň ahyrynda XIX asyryň başynda Ÿewropada türkleri gysyp çykarmak üçin täze uruş başlanýar. Angliýa, Fransiýa Osman imperiýasynyň (türk soltanlygynyň) gol astyndaky territoriýasyny, ýagny Ÿewropadaky territoriýany paýlaşmagy maksat edinipdir. Russiýa Konstantinopoly eýeläp, (Bosfor bogazyny) Gara deňzine çykmak isläpdir. Iňlisle, Fransuzlar bolsa ol ýerleri bermejek bolýardy. U göreşler ýitileşip, Gündogar meselesini ýüze çykarypdyr. Slowýanlar türkleriň agalygyndan çykmak isläpdir. Emma Angliýa, Fransiýa bolsa Slowýan halkynyň üstünden türk agalygyhnyň görşine oba buržuaziýasy hem goşulypdyr. Netijede Gaýdukçylyk hereketi başlanypdyr. Ol döwürde Türkiýäniň özünde hem (Balkanlarda, Müsürde) feodalçylyk hereketleri başlanýar. Soltanlar, wezirler özüne uly howpuň abanyandygyny duýýarlar. XVIII asyryň ahyrynda reformalar plany ýüze çykypdyr. Bu plan feodal dolanşygynyň soňuna çykmaga, ýurdy hemme tarapadan gowulandyrmaga gönükdirilen. (administrasiýa, goşun, daýhanlaryň ýagdaýlaryny gowulandyrmak, maliýe taýdan pugtalandyrmak)

1789-njy ýylda Selim III tagta çykypdyr. 1792-1796-njy ýyllarda Selim III – iň dagynyklygyň öňüni almak barada buýruklary çykýar. Onuň ilkinji buýrugy: kim harby gullukdan ýüz öwürse, ýerini alyp döwletiň haýyryna geçirmek hakyndady. Ÿanyçar goşunynyň belli bir möwriti ýokdy, goşun gaty gowşapdy. Selim III regulýar goşun döredip, ýanyçar goşuny aýyrmak isl;äpdir. Muny ýanyçarlar aňypdyr. Selim III

raýat hukuklarynda hem özgermeler geçiripdir. 12-ler sowetini döredipdir. Ol sowet wezirleriň işlerine gözegçilik edipdir. Ÿöne Selim III-ň sosial bazasyny goldaýan azdy. Şol sebäpden hem reaksion goşuny Selim III-ň garşysyna durupdyr. Şol wagt Fransiýa hem onuň üstüne abanýardy. 1798-nji ýylda Napaleon Bonopard Müsüri basyp alýar. Şonuň üçin Selim III şol ýylyň ahyrynda Fransiýa garşy uruş yglan edýär. Ÿöne 1801-nji ýylda fransuzlary türkler däl-de, iňlisler kowup çykarýar. Indi türkler iňlisleriň eline geçýär. Şol uruşda Alban otraýady hem bardy. Onuň ýolbaşçysy Muhammet Aly. 1805-nji ýylda Kairde uly gozgalaň turzupdyr. Şu gozgalaňda iňlisler kowulup çykarylýar. Indi Müsürde Muhammet Aly, hökümdar bolupdyr. Ol Müsüri özbaşdak edipdir, Muhammet Ala Nedir diýipdirler. Turkiýe Müsüriň üstünden häkimiýetini ýitiripdir. XIX asyrda Serbiýada, Rumyniýada, Anadolyda feodal pitneler turupdyr. Ÿöne Balkanlardaky iň uly zarbany günorta slowýanlar turuzypdyr.

1806-njy ýylda Belgrad halas edlipdir. Şol ýyl rus-türk urşy başlapdyr. Ruslar Moldawiýa we Malahiýa giripdir. Slowýanlar ruslardan kömek alypdyr. 1807-nji ýylda türk goşuny beýik weziriň baştutanlygynda Selim III hem gidipdir. Ol giden soň, ýurtda oňa garşy dildüwüşlik bolupdyr. Netijede Selim III öldürilýär. Onuň deregine Mustafa IV tagta geçýar. Mustafa IV Selim III-iň ähli reformalaryny ýatyrýar. Selim III-iň tarapdarlary Mustawafa Baýrak şanyň ýolbaşçylygynda Hruşuk şäherinde gizlenip, şol ýerde gizlin goşun döredipdir. Soň Baýrak şa Stambula gelip, Mustafa IV –i tagtyndan agdarýar. Onuň ýerine Mahmyt II geçipdir. Mustafa Baýrak hanyň özi baş wezir bolupdyr. 1808-nji ýylda ýanyşarylar hem gozgalaň turuzypdyr. Şol gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin uruşda Mustafa Baýrak hem öldürilipdir.

1812-nji ýylda Buharestde (Rumyniýa) rus-türk urşy tamamlanýar. Netijede ýaraşyk baglaşylýar. Prut derýasyna çenli Russiýanyň araçägi çekilýär. Dunaý knýazlyklaryna

(Moldawiýa, Monahiýa) rus hökümtiniň agalyk etmegine türkler boýun bolupdyr we serblere azatlyk bermeli bolupdyr. Ÿöne türkler wadalarynda durmandyr. 1813-nji ýylda türk hökümeti serbleriň üstüne goşun iberipdir. Gara Georgiý gaçypdyr, 1815-nji ýylda serbler täzeden aýaga galypdyr. Serb gozgalaňynyň ýolbaşçysy Melosiýa serbleriň soltany edip belläpdirler.

1821-nji ýylda Gresiýada halk gozgalaňy turupdyr. Bu gozgalaň, türk feodallarynyň zulumyna garşy bolupdyr.Mahmyt II gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin goşun iberipdir. Goşun ýeňilýär. Şonuň üçin Mahmyt II Müsüriň şasy Muhammet Ala ýüz tutýar. 1824-nji ýylda grek gozgalaňy ýatyrylypdyr. Mahmyt II ýanyçar goşunyny aýyryp täze goşun döretmek barada 1826-njy ýylda buýruk çykarýar. Muňa garşy ýanyçar gozgalaňy turýar, gozgalaň basylyp ýatyrylýar.

1827-nji ýylda Londonda Iňlis-fransuz-rus ylalaşygyna gol çekilipdiir. Ylalaşyk boýunça Gresiýa awtonom döwlet bolmaly, türkler hem onuň bilen razylaşmaly. Bu hem Turkiýäniň pese gaçandygyny aňladýar. Şol ýylyň Oktýabr aýynda Nawarro buthanasynda (Egeý deňzinde)ýaňky üç döwletiň goşuny Müsür türk goşunyny dargadýar.

Hatda şondan soň hem türkler serbleri, slowýanlary azatlyga çykarmakdan boýun gaçyrypdyr. Netijede 1828-1829-nji ýyllar rus-türk urşy bolupdyr. 1829-njy ýylda Afina (Stambulyň golaýynda) şertnamasynda gol çekilipdir. Şertnama boýunça Turkiýe Serbiýa we Gresiýa awtonomiýa bermeli bolupdyr.

1830-njy ýlda Serbiýa awtonomiýa bolupdyr. Gresiýa bolsa London protokolyna laýyklykda özbaşdak diýilip yglan edilipdir. Moldawiýanyň Konstitusiýasy kesgitlenende, türkler hökman ruslar bilen maslahatlaşmaly bolupdyr. Turkiýe Gara deňzinde, Bosforda, Dagdanelde söwda päsgel bermeli däl. Russiýa bilen uruş gutarandan soň, 1830-njy ýylda türkler Alýiri hem elden gidiripdirler. Oy frasuzlkar eýeläpdir. Soltaa

(türk) garşy Muhammet Aly hem çykyş edipdir. Muhamet Aly Siriýa bile Kriti Mahmyt II-den almalydy. Emma türk soltany Muhammet Alydan töleg talap edipdir. Muhammet Alyny fransuzlar, türkleri Angliýa goldapdyr. Muhammet Aly bilen Mahmyt II –niň arasynda konflikt başlanýar. Muhamet Aly Siriýa goşun iberýär. Oňa Muhammediň ogly 1831-nji ýylda ýolbaşçylyk edipdir. Ol Siriýany, Palestinany, Anadolyny basyp alýar.

1833-nji ýylda rus goşuny Muhammet Alynyň Stambula gitmeginiň öňüni almak üçin Bosforda goşun saklapdyr. 1833-nji ýylda Soltan bilen Muhamet Alynyň arasynda şertnama baglaşylýar. Muhammet Aly Müsüri, Palestinany, Krikiýany eýeläpdir. Ýöne Muhammet Aly Türkiýäniň wassaly bolupdyr.

1833-nji ýylda rus-türk şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Russiýa Turkiýa Muhammet Aly bilen göreşende, kömek bermeli. Turkiýa hem öz gezeginde Dagdaneli daşary ýurt gämileri üçin ýapmaly.

Osman imperiýasynyň ykdysadyýeti, örän kyn ýagdaýdady. Haryt-pul gatnaşygy ösýärdi. Ýurtda feodalçylyk urşynyň, türk pomeşikleriniň eksplotasiýasynyň öňi alynmasa, ýurtda ejirli ýagdaý dowam etjekdi. Söwda burýuaziýasy reformalar bilen harby len sistemasyny ýatyrmalydy. 1834-nji ýylda harby len sistemasy ýatyrylypdyr. Galyberse-de, Mahmyt II içerki gümrügi ýatyrypdyr we täze administratiw gurluşyny ýola goýupdyr. Harby len sistemasynyň ýatyrylmagy Turkiýe üçin peýdaly bolupdyr.

1830-njy ýylyň II ýarymynda Osman imperiýasynyň ykdysady hökümi güýçlenýär. Haryt köp getirilýär. Angliýa, Fransiya has güýçlenýär.

1838-nji ýylda Angliýa türk hökümetini söwda konwensiýasyny baglaşmaga mejbur edipdir. Konwensiýa boýunça Angliýanyň Osman imperiýasyna getirýän harytlaryna gürmrük azaldylýar, diňe 5% galdyrylýar. Diňe Müsür şu

konwensiýany ykrar etmeýär. Ÿene-de Angliýa bilen Müsüriň arasynda konflikt ýüze çykýar.

Muhammet Ala garşy 1839-njy ýylda iňlisleriň kömegine daýanyp, türk soltany Mahmyt II uruş yglan edipdir. Bu uruşda Mahmyt II ýeňilýär we öldürilýär. Onuň ýerine ogly Abdylmejit geçýär. Muhammet Aly tutuş Osman imperiýasyny özüne tabyn etmek isläpdir. Russiýa, Angliýa, Fransiýa Abdylmejidi goldaýar. 1839-njy ýylda şeýle şertlerde türk hökümdar toparlary reformelery çaltlaşdyrmagyň ugruna çykýarlar. Turkiýanyň içerki durmuşy birneme janlanýar. 1839-njy ýylyň Oktýabr aýynda Mustafa Reşid patyşa bolupdyr. Ol döwürde Tanzimat-Gülhaneý reskripti kabul edilip, onda şu aşakdakylar jar edilipdir:

1. Imperiýanyň şahsyýeti eldegirilmesiz.
2. Salgytlar regulýar hem kadaly peýdalanylmaly.
3. Otkup (salgydy satyn almak) sistemasyny ýatyrmaly.
4. Harby gulluga dogry çagyrylmaly, belli möhleti bolmaly.

1840-njy ýylda Londonda beýik döwletleriň arasynda konwensiýa gol çekilip, türkler şol döwletlere garşly edilipdir. Şol ýyl Angliýanyň we Awstriýanyň gämileri Beýruty top okuna tutupdyrlar. Soň beýik döwletleriň korabllary Kaire tarap hereket edipdirler.

1840-njy ýylda Muhammet Aly boýun bolmaga mejbur bolupdyr. Arabystan, Siriýa, Kilikiýa onuň elinden alnyp, türk soltanlygyna berilipdir. 1838-nji ýylda konferensiýa Müsüre hem geçipdir.

1841-nji ýylda Reşid patyşa otstawka gidipdir. Ÿene feodallaryň eden-etdiligi köpelip başlapdyr.

1853-1856-njy ýyllarda Russiýa bilen Turkiýanyň arasynda Krym urşy başlaýar. 1856-njy ýylda Russiýa ýeňilýär. Pariž traktatyna gol çekilýär. Gara deňizde Russiýanyň berkitmeleri ýumurylýar. Russiýa günorta Wessarawiýany elden gidirýär. Umuman, fransuzlaryň kömegi bilen bu urşu

tütkler ýeňipdir. Şondan soň Ÿewropa kapitalizmi türk Osmanlygyna has-da aralaşýar.

1856-njy ýylyň Fewral aýynyň 18-ne Ÿewropanyň zor salmagy netijeside soltan täze karara gol çekipdir. Şu kararda Ÿewropayň türkleriň işine gatyşmagy hakynda täze reformalar daşary ýurt kapitalizminiň isleg-arzuwlaryny kanagatlandyrmady. 1856-njy ýylda ikinji karar bilen Ottaman (Osman)banky döredilýär. Şu bankyň kapitaly iňlislere degişlip bolupdyr. Soň ol bank Ottaman Imper banky bolup, ol döwlet bankyň finksiýasyny ýerine ýetirip başlapdyr. Tanzimatyň iki etapy 1856-1870-nji ýyllarda dowam edipdir. Ol Tanzimadada başga köp karar çykarylypdyr. Mysal üçin: daşary ýurtlara Turkiýadan ýer almak, demir ýol gurmak rugsat berilipdir. Izmir-Aýdyn; Stambul-Edirne.

1861-nji ýylda soltan Abdyl Mejide galyp, Abdyl Aziz bolupdyr. Onuň döwründe Turkiýede reaksiýalar köpelipdir. Turkiýa ösmez ýaly, daşary ýurt kapitalistleri feodallaryň galyndylaryny goldaýar. Tanzimatyň I we II netijesinde Turkiýe janlanýar, täze gazetler çykyp başlaýar.

Türk emeldarlarynyň arasynda türk soltanlygyna garşy despatiki göreş başlanýar. Şolaryň hatarynda Sinazsini, Namys Kemaly, Ziýa Beýi görkezmek bolýar. Olar konstitusiýany (umumy kanuny) talap edipdir. Olar Osman kitap jemgyýetini esaslandyrýar. Magaryfy, ylmy ösdürmegiň ugrunda köp hereket edipdir. Watançylyk ideýalary öňe sürülipdir.

1865-nji ýylda Stambulda gizlin syýasy gurama döredilýär. Onuň işi türk adamlarynyň aňynyň ösmegine täsir edipdir. Bu gizlin gurama ofiserler käbir daýhanlar giripdir. Olar soltanyň häkimiýetini çäklendirmek üçin hereket edipdir. Olara türk taryhynda täze gurama “Ÿaş türkler” diýlip at berilipdir. 1866-njy ýylda bu gurama soltana garşy göreş alyp barypdyr.

## Tema: Türkiýe XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Osman imperiýasy krizis ýagdaýa düsüp başlaýar. Ol öz territoriýasynyň üstünde gözegçiligi saklanamaga güýji gaçdy.

Soltan badul Aziziň dolandyran döwründe bu krizis has-da ýitileşýär. (1861-1876). Ýurtda halk köpçüliginiň arasynda azatlyk ideýalary, konstitusiýany kabul etmeklik öňe sürülýärdi, soltan häkimiýeti tankytlanylýardy. Ýurtda 70-nji ýyllarda "Täze osmanlar" programasynyň ideýalary öňe sürülýär. Bu ideýany öňe süren Namykj Kemal. Ol soltan häkimiýetine garşy hereketlerde çykyş edipdir.

"Täze Osmanlaryň" talaplary konstitusiýany kabul etmek, oba-hojalygyň, senagatyň, söwdanyň ösmegine gowy şertleri döretmek, könäniň galyndylaryny aýyryp, ýurduň ähli taraplarynyň ösmegi üçin şertleri döretmek bolupdyr. Ýöne soltan häkimiýeti hem olara garşy repressiýa syýasatyny amala aşyrýardy.

70-nji ýyllarda Osman imperiýasynyň eýelän territoriýasynda birnäçe gezek antihäkimiýet gozgalaňlary bolupdyr.

Içerki ýagdaýyň krizise düşmegi daşary Ýewropa ýurtlarynyň täsiri bilen ýurtda konstitusion reformalary amala aşyrmaga gowy şert döretdi. Bu reformalaryň inisiatory Mithat paşa bolupdyr.

1876-nji ýylyň Maý aýynda gozgalaň netijesinde soltan Abdul Aziz tagtdan agdarylýar. Onuň deregine onuň kiçi jigsi Abdul Hamid II tagta çykýar. (1876-1909) Abdul Hamid II tagta geçen wagty Midhat Paşa ýurtda konstitusiýa kabul etmäge söz berýär. Netijede 1876-nji ýylyň Fewral aýynyň 23-ne Abdul Hamid II konstitusiýa kabul edipdir, (Midhad Paşa- Bosniýa, Gersogowina, Bolgariya ýurtlarynyň weziri bolupdyr.)

Midhat Paşa bilen Namyk Kemal tarapyndan işlenilip düzülen konstitusiýada iki palataly parlamenti kabul etmek göz öňunde tutulýar.

Bu konstitusiýada kanun öňünde ähli adamlaryň deňdigini, şahsyýetiň özüniň we onuň emläginiň howpsyzlygyny (goragyny) salgytlaryň kanunylaşdyrylmagy we beýleki ýeňillikler göz öňünde tutulýar.

Emma Abdul Hamid tarapyndan konstitusiýanyň taslamasy maslahat edilende birnäçe üýtegşmeler girizilýär. Soltanyň hukuklary çäklendirilmesiz edilmegi onuň ministrleri bellemäge, kanunlary çykarmaga, daşary ýurtlar bilen ylalaşyk baglaşmaga hukugy bolupdyr.

Bu konstitusiýa uzak dowam etmeýär. Soltan Mithad paşany we onuň tarapdarlaryny aradan aýyryp, 1876-njy ýylyň aýagyna konstitusiýany ýatyrypdyr.

Konstitusion hereketleriň basylyp ýatyrylmagy ýurduň daşary syýasatyna täsir edipdir. Ÿewropalylar Osman imperiýasynyň golastyndaky territoriýalara awtonomiýa bermek, bu territoriýada türkleriň täsirini aýyrmak ugrunda çykyş edýärler.

1877-1878-nji ýyllarda Russiýa türklere garşy ýene-de täze uruş yglan edipdir. Ruslar Balkan ýerlerini, Edirne şäherini eýeläpdirler.

1878-nji ýylda ruslar türkler bilen ylalaşyk baglaşýar. Bu ylalaşykda Bolgar hanlygyna, Makedoniýa, Egeý deňziniň kenaryndaky ýerlere, Serbiýa, Çernogoriýa, Rumyniýa garaşsyzlyk bermek göz öňünde tutulypdyr.

Balkan ýarym adasynda ruslaryň täsiriniň artmagy beýleki Ÿewropa döwletlerini ynjalykdan gaçyrypdyr. Angliýa, Fransiýa, Awstro-Wengriýa hem bu meselelere goşulypdyr. Netijede Gündogar meselesi emele gelipdir. Netijede bu döwletler öz aralarynda Osman imperiýasynyň territoriýasyny paýlaşypdyrlar. 1884-nji ýylda Fransiýa Tunisi öz koloniýasyna, Angliýa 1882-nji ýylda Müsüri öz koloniýasyna

öwüripdir. Gündogar Rumyniýa Bolgariýa bilen birleşdirilipdir. Kipr adalary hem Turkiýeden öz garaşsyzlygyny alypdyrlar.

Abdul Hamid II öz döwründe gödek syýasatyny ýöredip başlaýar. Ol öz syýasaty bilen halky iň agyr ýagdaýa salypdyr, ýagny halk köpçüliginiň hukugyny peseledipdir. Abdul Hamidiň dolandyran döwri özüniň despotik reýimi bilen halkyň aňyda "zulum zamaasy" hökmüde galypdyr. Ähli zatlar berk kotrollyga alynypdyr. Umuman Abdul Hamidişary we içeri syýasaty ýurduň sosial-ykdysady we medeni ösüşiniň öňüne böwet bolýar.

Zulum reýimi soltan häkimiýetine garşy ýiti garşylyklaryň artmagyna getirdi.

Täze osmanlar ýaş türkleriň hereketi hökmünde özüniň işini dowam etdirmäge başlaýar.

1899-njy ýýlda ýaş türkleriň hereketleri gizlin guramalary döredip başlaýar. Onuň başyny başlan Stambuldaky harby-medesina uçilişesiniň talyplary bolupdyr. Olaryň inisiatory Ibragim Temo atly talyp bolupdyr. Olar "Birleşik we ösüş" ("Ittihad we terakki") atly partiýany döredipdirler. Olryň esasy ideýasy Abdul Hamidiň despotiýasyna garşy gönükdirilipdir. Ÿaş türkleriň hereketlerine ýene-de feodal toparlaryň wekilleri (Abdul Hamidiň syýasatyna garşy goşunlar)

1905-1907-njy ýyllardaky Russiýadaky rewolýusiýa Osman imperiýasynda ýaş türkleriň hereketleriniň güýçlenmegine itergi bolupdyr. Soltan häkimiýeti rewolýusiýanyň täsirini ýetirmejek bolup dürli çäreleri geçiripdirler. Emma bularyň hiç biri täsir etmeýä. 1907-nji ýylda "Birleşik we ösüş" partiýasy ähli oppozision toparlaryň ýygnanmagynda (soltana garşy) kongres ýygnaşyk geçiripdir. Bu kongres ýas türkleriň hereketleriniň burýuaz rewolýusioan häsiýete geçýändigini aňladypdyr.

1908-nji ýyla çenli ýaş türkleriň hereketleri ýurduň ähli ýerlerine ýaýraýar. 1908-nji ýylyň Iyun aýynda ýaş türkler

ofiser Ahmet Niýazi begiň ýolbaşçylygynda aç-açan rewolýusion hereketlere başlapdyrlar. Bu hereketler esasan wasal ýurtlaryň iri şäherlerinde Salanikada, Skoplede, Monastyrada harbylaryň işjeň gatnaşmagynda güýçli duýulypdyr. Bu hereketleri soňra Stambuldaky, Izmirdäki, Afýon-Karahisar şäherlerindäki harby gornizonlar hem goldapdyrlar we dowam etdiripdirlar. 1909-njy ýylda ýaş türkler Abdul Hamidiň reaksion toparlarynyň hereketlerini ýatyryp paýtagty öz ellerine alypdyrlar. Kontrrewolýusion hereketleri basyp ýatyrmak bilen ýaş türkjleriň häkimiýeti öz ellerine alýar. Soltan Abdul Hamid II tagtda agdarylýar. Onuň deregine Mehmed V Reşid Soltan bellenilýär. Ÿaş türkler häkimetiniň ähli wezipelerini: gubernatoryň, ilçileriň, goşunda we köşkde ähli wezipeleri özleri eýeläpdirler “Birleşik we ösüş” partiyasy döwleti dolandyrmakda uly rol oýnapdyr. Ÿaş türkler häkimetde 1918-nji ýyla çenli dolandyrypdyrlar.

## Tema: Türkiýe 1918-1945 ýyllarda.

1917-1918-njiýyllarda Türkiýe halky ekspluatasiýa, german agalygyna we Osman imperiýasynyň Germaniýa, Awstro-Wengriýa bilen bilikde halkyň garşysyna alyp baran syýasatyna garşy hereketlere başlapdyrlar. Şäherlerde tolgunşyklar, protestlerdowam edýärdi. Türkiýe öz agalyk edýän ýurtlaryny elden gidirmezlik üçin birnäçe gezek söweş alyp barmaly bolupdyr. Mysal üçin: 1918-nji ýylda Kawkaz ýurtlary, Azerbeýjan, Ermenistan bilen söweş alnyp barylýar. Emma 1918-nji ýylda Turkiýe Zakawkaz ýerlerden öz goşunyny çykarmaga mejbur bolupdyr. Antanta döwletleri Mesopotamiýa, Siriýa, Pakistana öz goşunyny salypdyr. Indi Turkiýanyň öz territoriýasynyň üstünden hem gözegçilik ýola goýulypdyr. Türkiýäniň özbaşdak döwlet bolmagyna hem howp döredipdir.

Imperialistler Turkiýa hem öz goşunlaryny salyp gönükdirmek we ony öz koloniýasyna öwürmek isläpdirler. Ýurtda daýhanlar, partizan otrýadlary interwentlere garşy aýaga galypdyrlar. Imperialistlere garşy gönükdirilen, sosialistik ideýalary goldaýan birnäçe syýasy partiýalar, guramal emele gelipdir. Olar jemgyýetde halkyň hukuklaryny, azatlygyny gorap çykyş edipdirler. Bu milli azat edijilik hereketleriň başynda general Mustafa Kemal durupdyr.

Angliýa we onuň soýuzdaşlary Turkiýanyň okupasiýasyny giňeltmek syýastyny dowam etdiripdirler. Bu territoriýada Angliýa, Fransiýadan başga-da Gresiýa, Italiýa hem öz goşunlaryny düşüripdirler. 1919-njy ýylyň Maý aýynyň 15-ne Gresiýa öz goşuny bilen Izmiri eýeleýär. Şondan soň antiimperialistik hereketleri has-da güýçlenipdir. Stambulda we beýleki şäherlerde demonstrasiýalar, çykyşlar başlanypdyr. Türkiýäniň işçi-daýhanlarynyň sosialistik partiýasy öz işini has giňeldýär.

1919-njy ýylda Siwasda we Erzurumda M. Komanyň ýolbaşçylygynda halk hukugyny goraýan jemgyýetçilik komiteti döredilipdir. (HHGJK)

Mustafa Kemal (1881-1938)

1920-nji ýylda Stambulda deputatlar palatasynyň ýygnagy bolupdyr. Şol ýygnakda Kemalistleriň talaplary bilen deklarasiýa kabul edilipdir. Şol deklarasiýadaky talaplar boýunça Anatoliýa, Gündogar Frakiýa özbaşdak türk milli döwleti bolmaly. Daşary ýurtlaryň kontrollygy ol ýerden aýrylmaly.

Emma iňlisleriň harby häkimeti muňa garşy bolupdyr . 1920-nji ýylyň Aprel aýynyň 23-inde Ankarada HHGJK ýygnagy bolupdyr. Şonuň netijesinde 1920-nji ýylyň Maý aýynyň 3-ne Mustafa Kemal öz hökümetini döredipdir. Ýurtda iki häkimiýet emele gelýär. Stambulda Soltan hökümeti, Ankarada kemalistleriň hökümeti.

Şu ýagdaýlarda türk hökümetine garşy imperialistik hereketler pese gaçýar. Onuň sebäbi hem Antanta ýurtlarynyň öz arasynda hem agzalalyk ýüze çykýar. Ol ýurtlar Kiçi Aziýanyň territoriýasynda harby hereketleri ýatyrypdyrlar. 1922-nji ýylda (Sentýabr aýy) türk goşunlary Anatoliýanyň territoriýasyndan grekleriň goşunyny çykarypdyrlar. 1922-nji ýylda Antanta ýurtlary we Gresiýa Türkiýe bilen ýaraşyk baglaşypdyrlar. Umuman türk halkynyň garaşsyzlyk ugrundaky göreşi doly ýeňiş bilen tamamlanýar.

Stambulda şol wagta çenli Soltan häkimiýeti saklanyp durdy. HHGJK konferensiýa çagyrylanda Soltan häkimiýeti hem oňa gatnaşdyryldy. HHGJK soltanlygyň saklanmagyna razy bolupdyr. 1922-nji ýylda soltan Mehmed VI Wahideddin tagtdan agdarylyp (ol Malta gaçyp gidýär) Onuň deregine Soltan Abdul Mejid saýlanýar.

Interwentleriň ýeňilmeginden soň ýurduň içinde birnäçe buržuaz pomeşik toparlaryň intelegentleri çapraz gelip, oňşuksyzlyk başlaýar. Şu bulagaýlyklardan baş alyp çykmak üçin 1923-nji ýylyň Aprel aýynyň 1-ne HHGJK ýatyrylypdyr. Şondan soň milli buržuaziýa, pomeşikler, harbylar bileleşip, Halk partiýasyny döredipdir. (1923 ýylyň Aprel aýynda Mustafa Kemalyň inisiatiwasy boýunça) Halk partiýasy saýlawlar netijesinde 1923-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 29-na Türkiýe respublikasy yglan edilýändigi barada karar kabul edilipdir. Türk respublikasynyň ilkinji prezidenti Mustafa Kemal saýlanypdyr. Soňra Halk partiýasy öz adyny Halk respublikan partiýasy diýip yglan edýär.

Turkiýanyň milli buržuaz rewolýusiýasy (kemalistleriň) Turkiýe respublikasynyň yglan edilmegibilen tamamlanypdyr. Turkiýe respublikasy yglan edileninden soň 1923-nji ýylyň Oktýabr aýynda paýtagt Stambuldan Ankara geçirilipdir. 1924-nji ýylyň Mart aýynda 6 asyrlap dowam eden Osmanlar inastiýasy ýatyrylýar. Onuň agzalary bolsa ýurtdan kowulýar. Din işleri boýunça ministrlik döredilipir. Dini

mekdepler hem ýatyrylýar. Ÿurt administratiw taýdan welaýatlara bölünipdir. 1924-nji ýylyň Aprel aýynyň 20-ne respublikanyň konstitusiýasy kabul edilipdir.

1925-1928-nji ýylda täze ýewropa stilinde jenaýat we raýat kodeksi kabuyl edilýär. Köpaýallylyk gadagan edilýär. Ÿewropa kalendary kabul edilipdir. Őňki arap alfawitiniň deregine täze latyn elipbiýi kabul edilipdir. 1928-nji ýylda döwlet dini yslam diýilip yglan edilýär.

Mustafa Kemal 1934-nji ýylda familiýa geçirmek barada kanun çykaranda oňa Ata türk ady dakylýar. Mustafa Atatürkiň amala aşyran bu reformalary ýurduň jemgyýetçilik durmuşynyň ykdysadyýetiniň, senagatynyň oba-hojalygynyň öne ilerlemgine itergi beripdir. Kemalizmiň esasy ideýalary: respublikanizm, mililik, etatizm-döwlet kapitalizminin bir formasy bolup, ol daşary ýurt kapitalynyň täsirini çäklendiripdir, ýurduň ykdysady ösüşini tizleşdiripdir. Lansizm (diniň döwlet işlerine gatyşmazlygy), türk halkynyň birleşdirilmegi doly amala aşyrylyp, olar jemgyýetiň aňynda ornaşdyrylypdyr.

1925-nji ýylyň Fewral aýyna Türkiýe SSR bilen dostluk we bitaraplyk barada şertnama baglaşýar.

1930-njy ýýlda Germaniýa hem Türkiýe bilen söwda şertnamasyny baglaşýar. Şol bir wagtyň özünde Angliýa, Fransiýa, ABŞ hem Türkiýe döwleti bilen öz gatnaşygyny giňeltmek üçin birnäçe ylalaşyklar baglaşýar. 1932-nji ýylda Türkiýe Milletler ligasynyň agzalygyna kabul edilipdir. 1934-nji ýylda Türkiýe Gresiýa, Rumyniýa Ÿugoslawiýe bilen ylalaşyk baglaşyp, Balkan Antantasynyň düzümine giripdir.

## Tema: Türkiýe 1918-1945-nji ýyllarda.

Birinji jahan urşy ýyllarynda Turkiýe Germaniýanyň Awstro-Wengriýanyň soýuzdaşy bolmak bilen Angliýa garşy uruş alyp barypdyr. Ýurtda dowam edýän krizis ýagdaýyna

garamazdan Turkiýe urşy dowam etdirýär. 1918-nji ýylyň Mart aýynda Breat-Litowsk şertnamasyna gol çekse-de urşy dowam edýär. 1918-nji ýylyň ýazynda türk goşunlary günorta, gündogar Ermenistanyň köp ýerlerini we Azerbeýjany eýeleýär. 1918-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 15-ne türkler Bakuny eýeleýärler.

Emma Turkiýedäki krizis goşuna-da aralaşýar. Şonuň üçin hem ollebriň başynda goşun Zakawkaziýeden çykarylyp ugraýar.

Turkiýe Mesopotamiýada, Palestinada, Siriýada, Antantanyň goşunlarynyň hüjümini saklap bilmeýär. 1918-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 30-na Osman imperiýasy Antanta bilen Mudros şertnamasyny baglaşmak bilen boýun egýär. Şertnama boýunça ýeňijiler Osman imperiýasynyň arap ýerlerini eýeleýärler. Turkiýäniň hususy ýerleriniň islendik bölegini okkupirleýärler hukuk alýarlar. Türk goşuny demobilizasiýa degişli edilýär, ýaraglar we harby materiallar Antantanyň goşunlarya berilýär. Osman hökümeti Antanta tarapyndan berk kontollyga alynýar. Bu ýagdaýlar Osman döwletiniň özbaşdaklygyna howp salypdyr.

Şundan soň Antanta döwletleri öz goşuny Turkiýa salýar. Şertnamadan soň alty aýyň dowamynda Angliýa günorta-gündogar Anatoliýany (Kilikiýa), Fransiýa bilen bilelikde bolsa Gündogar Fransiýany Gara deňiz bogazlary bilen bilelikde okkupirleýärler.

Şeýle şertlerde öz içine türk jemgyýetiniň dürli gatlaklaryny jemleýän watançy güýçler (harbylar, intelligentler, milli buržuaz liderleri) imperialistik döwletlere garşy görsmek üçin öz guramalaryny döredip ugraýarlar. Ýurduň dürli ýerlerinde dörän şol guramalar başda “hukulary goramak jemgyýetleri” diýip atlandyrylypdyr. Şu jemgyýetleri birleşdirmekde general Mustafa Kemal paşa uly rol oýnapdyr.

1919-njy ýylyň Magytmguly aýynyň 15-de Günbatar Anatoliýany basyp almak üçin Gresiýa öz goşunlaryny Izmirde

düşürýär. Orta ýer deňziniň käbir kenar ýerlerinde bolsa öz goşunlaryny Italiýa düşürýär. Bu bolsa ýurtda uly nägilelikleri döredýär.

1919-njy ýylyň Awgust - Sentýabr aýlarynda Mustafa Kemal ähli "…jemgyýetleri" birleşdirýär. Erzurumda we Siwasda Kemal paşanyň ýolbaşçylygynda umumy türk ýolbaşçy merkezi bolan "hukuklary goramak jemgyýetiniň wekilçilikli komiteti" döredilýär. Netijede soltan hökümetiniň garşysyna buržuaz-rewolýusion hökümet ýüze çykýar. Bu hökümet azat edijilik hereketine ýolbaşçylyk edipdir. Kemal paşanyň hökümeti solatn hökümeti bilen hem belli bir gatnaşyklary alyp barypdyr. Kemal paşanyň tarapdarlary ýüze çykyp, olary kemalçylar diýip atlandyrýardylar.

1919-njy ýylyň ahyrynda soltan hökümeti wekiller palatasyna saýlawlary belleýär. Soltan hökümeti kemalçylara tabyn ýerlerde saýlawlaryň geçirilmegini gazanyar. Ýöne saýlawlarda kemalçylar üstün çykýarlar.

1920-nji ýylyň Ýanwar aýynda Istambulda wekiller palatasy işe başlaýar. Palata kemalçylaryň esasy talaplaryny özünde jemleýän milli jarnamany kabul edýär. Jarnama boýunça Anatoliýa, Gündogar Frakiýa, bogazlaryň esasynda türk milli döwletini döretmeklik göz öňünde tutulypdyr. Görkezilen ýerlerde daşary ýurt agalygyna ýol berilmeli däl diýilipdir.

1920-nji ýylyň Mart aýynyň 16-na iňlisler Stambuly eýeleýärler. Parlament dargadylyp birnäçe deputatlar tussag edilýär. Muňa jogap edip, Kemal paşa türk deputatlaryny Ankarada ýygnanmaklyga çagyrýar.

1920-nji ýylyň Aprel aýynyň 23-de Ankarada Turkiýäniň Beýik Milli ýygnagy açylýar. Ýygnakda Kemal paşa TBMÝ-niň başlyklygyna saýlanýar. Maý aýynyň 3-de hökümet döredilip, oňa-da Kemal paşa ýolbaşçylyk edýär. Şeýlelikde ýurtda iki häkimiýetlilik emele gelýär.

1920-nji ýylyň Aprel aýynyň 26-synda Kemal Paşa TBMÝ-niň adyndan Leniniň hökümetine diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak barada, şeýle hem imperiýalistik döwletlere garşy bileleşip göreşmek barada tekilp bilen ýüzlenýär. RSFSR ilkinji bolup TBMÝ-nyň hökümetini ykrar edýär.

1920-nji ýylyň tomsunda Ankara hökümeti köne soltan goşunlarynyň galyndylaryndan özüniň ýaragly güýçlerini döredip ugraýar.

1920-nji ýylyň Awgust aýynyň 10-da Antanta ýurtlary Parižiň golaýyndaky Sewr şäherine ýygnanyp, Türkiýäniň geljekki ykbalyny çözmäge girişýärler. Sewr şertnamasyna laýyklykda Turkiýe Angliýa, Fransiýa, Italiýa we Gersiýanyň arasynda bölüşdirilýär. Ýurduň demirgazyk-gündogary Ermenistanyň daşnak hökümetine berilýär, günorta-gündogarynda bolsa Angliýanyň ýapjalygynda kürt döwleti döreduilmeli edilýär. Bu şertnama soltan hökümeti gol çekýär. Netijede, Turkiýe döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

Grek goşunlaryny esasy zarba urujy güýç hökmünde kemalçylara garşy ulanmak bilen soýuzdaşlar gündogarda daşnaklary kemalçylaryň üstüne küşgürýärler. Ýöne daşnaklar kemalçy goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

1921-nji ýylyň Ýanwar aýynda Turkiýe KP-nyň ýolbaşçylary Mustafa Sübhi, Edehem Nejat we beýlekiler öldürilýär.

1921-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 20-sinde kemalçylar ýurduň wagtlaýyn konstitusiýasyny kabul edýärler. Ýöne entäk soltanlyk ýatyrylmandy, respublika bolsa yglan edilmändi.

TBMÝ-nyň güýçlenmegi saýuzdaşlary olar bilen ýakynlaşmaga itekleýär. Şonuň üçin hem 1921-nji ýylyň Fewral soltan hökümeti TBMÝ-gam Londan konferensiýasyna çagyrylýar. Saýuzdaşlara kemalistleri söwet hökümetiniň üstüne çüşgürmäge çalyşýarlar. Başa barmaýar. Şondan soň Grek goşunlary hüjüme geçýär.

Şol döwürler kemlaçylar Sowetler bilen has golaýlaşýarlar. 1921-nji ýylyň Mart aýynyň 16-nda Moskwada sowet-türk şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Kars welaýaty we Batumy welaýatynyň bir bölegi Türkiýa berilýär. Kemalçylar RSFSR-den ep-esli ok-ýarag we pul kömegini hem alýarlar. 1921-nji ýýlýň ahryrynda – 1922-nji ýylyň başlarynda Frunze Anakarada bolýar, käbir harby masalahatlary hem berýär.

1921-nji ýýlyň ýazynda grek goşunlary Antanta tarapyndan güýçlendirilip, ähli frontlar boýünça hüjüme geçýär. Awgust aýynyň ahyrlaryna çenli olar Sakarýa derýasyna çenli ýetmek nilen Merkezi Anatoliýa we hut Anakara howwp salyp başlaýarlar. Ýöne agyr söweşlerden soň 1921-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 2-de kemlaçy goşunlara olaryň hüjümini togtatmak başardýar. Şeýleikde 1921-nji ýylyň ahryrynda-1922-nji ýylyň 1-nji ýarymynda uly söewşler bolmaýar, iki tarap hem aýgytly söweşlere taýýarlanýarlar.

Şol döwürler Anatantanyň arasynda hem oňşyksyzlyklar başlaýar. Fransiýa Kilikiýada söweş hereketelrini bes edip, 1921-njii ýylyň Oktýabr aýynda TBMÝ-nyň hökümeti bilen şertnama baglaşýar. Italýa bolsa assyrynlyk bilen öz goşunlaryny Kiçi Aziýadan çykarýar. Fransiýa bilen Italiýa Türkiýa bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýýarlar.

Indi diňe Angliýa bilen Gredsiýa galýar. 1921-nji ýylyň ahyrynda kemalçylar greklere garşy söweşleriň baş meýilnamasyny işläp düzmäge başlaýarlar, şonda Frunza olara käbir maslahatlary hem berýär.

1922-nji ýylyň Awgust aýynyň 26-nda adam we maddy resurslaryny jemläp kemalçy goşunlar hüjüme geçýärler. Grekler hem Anglýadan uly kömekleri alypdylar, ýöne grekler çym-pytrak edilýär we 1922-nji ýylyň Sentýabr aýynyň ortalarynda Anatoliýadan çykyp gidýärler. 1922-nji ýylyň Oktýabr aýynda Antanta, Gedsiýa Türkiýe bilen

Mudanýa şertnamasyna gol çekýärler. Netijede türk halky ýeňiş gazanýar.

1922-nji ýylyň Noýabr aýynyň 1-de TBMÝ-y soltan hökümetini ýatyrýar, ýöne halyflyk galdyrylýar. Iň soňky osman soltany Mehmet VI Wahydeddin Noýabr aýynyň 17-de iňlis gämisinde Malta gidýär. Şonuň üçin hem onuň elinden halyflygy hem alynýar. Şazada Abdyl Mejit halyf diýilip yglan edilýär. Ýöne respublika entegem yglan edilmeýär.

Ýeňişden soň azat edijilik hereketiniň ýolbaşçylarynyň arasynda hem bölüşik başlaýar. Hereketiň içinde klerikal-konserwatiw we ýarym fiodal toparlar ýüze çykyp ugroýar. Şol sebäpden hem Kemal paşa 1923-nji ýylyň Aprel aýynyň 1-de TBMÝ-y ýatyrýar we täze saýlawlary yglan edýär. Milli buržuaziýa we onuň bilen baglanşykly intelligensiýa we harbylar Kemal paşanyň teklibi bilen şol aýda öňki "hukuklary goramak jemgiýetiniň" esasynda Türkiýäniň halk partiýasyny döredýäler. 1923-nji ýylyň saýlawlarynda THP üstünlik gazanýar. TBMÝ-da agdyklyk etmek bilen bu partiýa Türkiýäni respublika diýip yglan etmegi teklip edýär we 1923-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 29-na respublika yglan edilýär. Mustafa Kemal paşa respublikanyň prezidentligine saýlanýar. Tiz wagtdan THP Türkiýäniň halk respublikan partiýasy diýilip atlandyrylýar. Şeýelikde Türkiýede feodal-teokratik monarhiýa ýykylyp, onuň ornuna demokratik-buržuza döwlet ýüze çykýar.

1922-nji ýylyň Noýabr aýynyň 20-de Şweýsaryýanyň Lozanna şäherinde Türkiýe bilen Antanta ýurtlarynyň arasynda patarahtçylykly şertnama gol çekmek üçin gepleşikler başlaýar. Oňa sowet respublikalary Russiýa, Gruziýa, Ukraina (SSSR entäk ýokdy) gatnaşýarlar. Uzaga çeken gepleşiklerden soň 1923-nji ýylyň Iyun aýynyň 24-de şertnama gol çekilýär.

1) Lozannada Türkiýäniň garaşsyzlygy ykrar edilýär.
2) Soltan döwründäki adalatsyz şertnamalar ýatyrylýar.

Ýöne käbir meselerde Ankara hoküeti hem uly eglişikleri edýär. Bogazlardan geçmek, daşarty ýurt bergileri,

konsessiýalar, gümrük taryflary, käbir territorýal meselerde Ankara hökümeti ylalaşýar. Meselem, bogazlar meselesi Gara deňzine degişli bolmadyk ýurtlar bolan Anglýa, Fransiýa, Italiýa hatda Ýaponiýanyň gatnaşmagynda çözülýär. Bogzlaryň üstünden halakara gözegçiligi ýola goýulup bogazlaryň zonasynda demontrizasiýa geçirilýär.

Uruş gutranadansoň Türkiýanyň öňüde uly meseler ýüze çykýar. Ýurt ykdysady taýdan yza galandy. Şonuň üçin hem kemalistler birnäçe çäreleri geçirip ugraýarlar. Hökümet dşary ýurt kärhanalry demir ýollaryň ählisini satyn alýar. Maliýa işlerinde özbaşdak amala aşyrmak üçin merkezi bank döredil;ýär.

Hökümediň ykdysady syýasatynyn esasyny etatizim tutupdyr. Etatimiz-bu döwlet serişdeleriň senagata, demir ýol transportyna, soňra bolsa hojalygyň ähli pudaklaryna golýulmagydyr. Ýada etatizim başgaça döwlet kopitalizimidir. Ýöne bu prinsipi bžuaziýanyň hem inisiatiwalaryna giň ýol beripdir. sebäbi potratçylyk işlerini esasan türk buržuaziýasy ýerine ýetiripdir.

Ykdysady syýasat gowylyga getiripdir ýöne oba hojalygyň ýagdaý o diýen gowy bolmandyr. 20-30-njy ýyllarda birnaçe kärhanalar gurulýar, demir ýol seti giňeýär. Daşary söwdanyň balansa 1929-njy ýyla çenli Türkiýa zyýanly bolup galypdyr (Defisit).

Köp üýtgeşmeler geçirilýär. Könelerden üstün çykmak üçin 1923-nji ýylýn Oktýabr aýynda paýtagt Anakara geçirilýär. 1924-nji ýylyň Mart aýynda halyfat ýatyrylyp osman dinastiýasy ýurtdan kowulýar. Wakflar we din işleri ministerligi ýatyrylýar. Ähli dini mekdepler ýatyrylýar. Diniň elinden sud häkimýeti alynýar.

1924-nji ýylyň Aprel aýynyň 20-ne birinji respublikan konstitusiýa kabul edilärýär.

1925-28-nji ýyllarda ýewropadaky raýat we jenaýat kodeksleri girizilýär. Köp aýallylyk gadagan, aýal-erkek

deňleşdirilýär. Ýewropa kolendary, ýewropa eginbaşlary girizilýär, çadyry aýyrylýar. Täze alfawit girizilýär. Ysalamdan döwlet sattusy aýyryldy. 1934-nji ýýlda täze familiýa girizilýär ol ata türk familiýasyny kabul edýär.

Şu işleriň geçirilýän döwründe. Kemalizim ýada atatürkizim idialogiýasy ýüze çykýar. Kemalizim öz içine 1) respublikaçylyk, 2) milletçilik, 3) Lantizim (döwletden we mekdepden aýyrylyp), 4)türk milletiniň bütewiligi, 5) rewolisiýanlyk (kemalistik idelogiýalara we reformalara wepalyk) Türkiýanyň halk respublikan partiýasyna garşy apazisiýa güýçlenýär. Iri ýer eýeleri, ýokary din wekilleri, hökümdarlar progressiw respublikan partiýasynyň (TPRP) döredýärler (1924-nji ýylýň Noýabr aýy) Şu partiýa hökümete garşy 1925-nji ýylyň başlarynda Şeýh Seýdiň baştutuanlygynda kürtleri küşgürýärler. Olara topalaň turuzýarlar. Hökümet ilki Fewral aýynda üýşürip (ondan bir bölegi ) pul salgydy bilen çalşýarlar. Daýhanlaryň ýgdaýyny ýeňilleşdirýär. Soňra bolsa gozgalaňy basyp ýatyrýar. TPRP bolsa dargadylýar. Şu partiýa bilan baglanşykly topalaňa ýardam eden derwüş ordiýalary we monastyrlar ýapylýar. Hökümet oppazisiýalarynyň arasynda tussag etmeler güýçlenýärler. 1930-njy ýylda Günbatar Anatoliýada-da topalaň bolup, olam basylýar.

1938-nji ýylda Atatürk aradan çykýar. Prezident Ismet Ineniň bolýar. Şondan soň öňki oppazisiýalar bilen dolandyryjylaryň arasy ýakynlaşyp ugraýar. Oppozisionerler emigrasiýadan dolanyp ugraýarlar. 1930-njy ýylyň Maý aýynda bütin Germaniýa bilen söwda şertnamasyna gol çekilýär we Germaniýa söwda-da birinji ýeri eýeleýär. Soň Angliýa Fransiýa, ABŞ baglaşýar. 1932-nji ýylyň Iyun aýynda Turkiýa milletler ligasyna girýär. 1934-nji ýylda Germaniýa, Tursiýa we Ýugoslawiýa bilen Balkan Antantasyna girýär.

1933-nji ýylda Germaniýa Turkiýa täsirini güýçlendirýär. Angliýa we Fransiýa onuň bilen bäsleşýärler.

Itlaliýa 1935-nji ýylda Efiopiýa çozanda Angliýa Turkiýa bilen şertnama baglaşýar. Ýagny, eger Italiýa Angliýa garşy bir iş görse Turkiýa iňlislere kömek bermeli.

1936-nji ýylda Iyun-Iyun aýlarynda Monbrýo (Şweýsariýa konferensiýa) bogazlar meselesine seredýär. Şonda SSSR-iň ýardam bermegi bilen Turkiýa bogazlaryň doly eýesi bolýar, eýeçilik etmäge doly hukuk alýar. Ýöne Günbatar döwletlere käbir şertler bilen Gara deňzine aralaşmaga hukuk alýarlar.

1937-nji ýylda Turkiýa Saadabata pantina gol çekýär. Iňlisleriň täsiri bilen şuňa Ýakyn Gündogar Antantasy döredilýär. Angliýanyň teklibi bilen Fransiýa Siriýanyň Aleksandereýsanjagyny Turkiýa berýär. Şol Sanjak Hataý welaýaty diýlip 1939-njy ýylda Turkiýa girýär.

II jahan urşy başlanda Turkiýa neýtral diýlip yglan edilýär. Angliýa, Fransiýa şertnamada (özara kömek, dostluk) baglaşýar. 1940-njy ýylda Fransiýa ýeňilenden soň Germaniya bilen golaýlaşyp ugraýar. Nemes gämilerini Gara deňzine geçirýär. Ol Orta Aziýa, Kawkaza, Krymy almak isläp, 1944-nji ýylda soýuzdaşlyk talaby bilen Germaniýadan arasyny üzýär. 1945-nji ýylyň Fewral aýynda uruş ygklan edýär. Ýöne uruş hereketlerini alyp barmaýar.

## Tema: Türkiýe 1945-1996-njy ýyllada

Uruşdan soň Türkiýede syýasy göreşler, sosial çykyşlar güýçlenýär. Şol döwürler Türkiýede Halk respublikan partiýasy höküm sürýärdi. Ýöne 1945-nji ýylyň ahyrlarynda 1946-njy ýylyň başlarynda Demokratik Partiýada ýüze çykýar. Ol hem kemalizmden ugur alýandygyny beýan edipdir. Ýöne başga metod bilen işlemäge çalşarys diýipdir. HRP-i Angliýa, DP ABŞ-a gol ýapanlar.

Turkiýada döwlet kapitalizmi güýçli bolan. DP-a bolsa şolary şahsy eýeçiliginiň tarapyna geçirilmeginiň tarapdary. Şonuň üçin hem senagatçylar gollanlar.

Ýöne 1946-njy ýylyň Iyun aýynda saýlawda HRP-sy ýene-de üstin çykypdyr. ABŞ Turkiýa kömek berse-de ýurduň ýagdaýy kyn bolupdyr.

1950-nji ýylyň Ýanwar aýynda ýene-de saýlawlar DP üstün çykýar. J. Baýar Prezident A. Menderes premýer ministr. Täze hökümet "şahsy inisiatiwa" (etaizmiň – döwlet kapitalizminiň-garşysyna) uly üns beripdir.

Daýhanlara ýerem beripdir. 1950-1954-nji ýylda 170 müň daýhan hojalyklary ýer alypdyr.

Senagata we infrostrukturany ösdürmäge uly üns beripdir. 1950-1960-njy ýyllarda asfalt ýollaram gurulypdyr. Elektroenergiýa köp üns beripdir. On ýylda elektro energiýa öndürmek 3,6 esse artypdyr. Täze portlar, gant we dokma fabrikler gurulypdyr. 1948-1957-nji ýyllarda ABŞ Turkiýa 800 mln. dollar kredit beripdir.

DP-niň laýsizm (sekulýarizasiýa) ýörelgelerini inkär edýär. Dine uly orun berip ugraýar. Azan öz türk dilinde okalýan bolsa, arap dilinde rugsat berilýär. Mekdeplerde çagalar musulmançylyk öwredilip ugraýar (4-nji synpdan başlap) täze metjitler Stambulda ýokary yslam instituty açylýar.

Baýa Linderes döwründe 1951-nji ýylda Turkiýa geçýär. 1952-nji ýylda Koreýa urşyna gatnaşýar. 1954-nji ýylda SEATO (Bagdat pakty)  1959-njy ýylda SENTO (Ankarada) girýär. SSSR bilen arasy gaty erbet däl.

Emma 50-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda ýurtda korruksiýa güýçlenip ugraýar. Döwlet we partiýa işgärleri ogurlyk bilen meşgul bolýarlar. Maliýe we ykdysady krizis hem güýçlenipdir. Netijede ýurtda syýasy krizis başlaýar. DP Antidemokratik normalary ulanyp ugraýar. I.Inöni horlapdyrlar.

Baýar Menderesiň hökümetinden türk ofiserleri olarda kemalizm güýçli sekulýarizimem nägile bolanlar we döwlet

agdarylyşygyny taýýarlanyp ugraýarlar. Oňa Jemal Gürselem (türk goşunlarynyň baş tutab. köç) yrýarlar.

Netijede 1960-njy ýylyň Maý aýynda hökümet agdarylýar.

Soň häkimiýeti Ş. Gurseliň ýolbaşçylygynda (onu ofiser. Izmirden getirýärler, sebäbi perewotdan has öň hökümet ony otstawka iberýär, pensiýa) milli birlik komitetiniň eline geçýär. Ol premýemerem bolýar.

DP sud bolýar. 592 adam suda çekilýär. Olaryň 15-si atuwa, 31-si ömürlik türme 418-i dürli sroklaryň 123-si aklanýar.

MBK-i diňe 4 sany atuwa karar edýär. Ýöne J.Baýaryňky ömürlik türme bilen çalşylar. (soň amnisiýa düşýär) A.Menderes premýer, MID Zorly, maliýe ministri Polatgapy atylýar.

60-njy ýyllaryň başlarynda Turkiýe heniz hem yza galan ýurt bolupdyr. Ýöne näme-de bolsa senagat belli bir derejede ösüpdir. 1938-1960-njy ýyllaryň ahyrynda türk senagaty 4 esse artypdyr. Ýagny senagat kärhanalarynyň sany önümçilik bolsa 7 ese artaypdyr.

1961-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 6-na Uçreditel ýygnak açylýar. HRP 273 ornuň 200-sini alýar. Sebäbi ol Atatürkiň partiýasy bolupdyr. 1961-nji ýylyň Iyun aýynyň 9-na Konstitusiýa kabul edilýär.Ol 1924-nji ýylyň Konstitusiýasyndan hem demokratik kanun bolupdyr. Kanun boýunça partiýalara rugsat berlipdir. HRP-den başga-da DP-niň galyndylary Adalat partiýasyny we Turkiýäniň Täze partiýasyny döredýärler.

1961-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 15-de bolan parlament saýlawlarynda HRP köp ses alyp Inöni premýer ministr J. Gursel bolsa prezident bolýar.

1961-65-nji ýyllarda ýurtda hökümet krizisi bolýar. Ol 4 gezek çalşylypdyr, şolaryň 3-si Inöniniňki, 1-i bolsa garaşsyz senator Ürgüpliniňki. 1965-nji ýylyň Garaşsylyk aýyndaky

saýlawlarda Adalat partiýasy iň köp ses alýar we S.Demirel premýer bolýar. Ol 1969-njy ýylyň saýlawlarynda-da üstin çykyp, hökümet düzýär.

J.Gürselden soň prezident J.Sunaý, 1973-nji ýylyň Aprel aýyndan başlap adminiral Fahri Goruktürk prezident. Umuman şol döwürler goşunyň syýasatdaky täsiri örän uly bolupdyr.

1970-nji ýyldan başlap ýagdaý ýene-de çylşyrymlaşýar. Ýurtda işsizlik köpelýär. Syýasy krizis ýüze çykýar. 1971-nji ýylyň Mart aýynyň 12-sinde türk goşunlarynyň baş ştaby Demireliň çalşyrylmagyny talap edýär. Onuň ornuna HRP-niň ýolbaşçylarynyň biri Erim gelýär. Ýöne 1972-nji ýylda ol hem iş başyndan gitmäge mejbur bolýar, onuň ornuna HRP-den 1967-nji ýylda bölünen Ynam partiýasynyň lideri Melen gelýär. Ol Demireliň Adalat partiýasynyň käbir agzalaryny hökümete çekýär. 1972-nji ýylda HRP ýene-de bölünýär. Ondan Respublikan Ynam partiýasy aýrylýar we 1973-nji ýylda Ynam partiýasy bilen birleşýär.

HRP-niň ýolbaşçylygyna Bülent Ejewit gelýär. Öň partiýanyň lideri Ismet Inönidi. 1975-nji ýylyň saýlawlarynda AP üstün çykyp, Demirel iş başyna gelýär. 1977-nji ýylyň saýlawlarynda bolsa Ejewit üstün çykýar. Ol 1979-njy ýýla çenli hökümete ýolbaşçylyk edýär.

1974-nji ýylda Turkiýäniň sosialistik işçiler partiýasy döreýär, başlygy Ahmet Gaçmaz. 1975-nji ýylda Turkiýäniň sosialistik partiýasy hem döreýär, baş sekretary Jenan Pyçakçy. Şeýle hem Turkiýäniň işçiler partiýasy, başlygy Nihat Sargyn, döreýär. Bular çepçi güýçler bolupdyrlar. Şeýle partiýalar Turkiýede başga-da bardy.

1980-nji ýyldan başlap ýurduň syýasy ýagdaýy ýene-de ýaramazlaşyp ugraýar. 1980-nji ýylyň Gurbasoltan aýynyň 6-na prezident Goruktürk iş başyndan gidýär. 1980-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 12-sine türk goşunlarynyň baş ştabynyň ýolbaşçysy Kenan Ewreniň baştutanlygynda döwlet

agdarlyşygy bolup geçýär. Syýasy partiýalar, profsoýuzlar beýleki jemgyýetçilik guramalary ýatyrylýar. K.Ewren Milli howpsuzlyk geňeşiniň başlygy, premýerlige bolsa admiral Bülent Ulysuw, orunbasary bolsa T.Özal bolýar. Daşary işler ministrligine bolsa F. Türkmen belleniýär.

Bu hökümet ýurtdaky tertip-düzgüni ýola goýýar. Iki aýyň dowamynda 8 müň terrorçy tussag edilýär. Hökümet 1980-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 12-sinden 1981-nji ýylyň Maý aýyna çenli 46 müň terrorist, ekstremizst tussag edip, 633 müň 724 ok atýan ýarag konfiskasiýa edilýär. Syýasy işgärler Ejewit, Demirel iki aýlap öý tussaglygynda saklanýar.

Harby hökümet Turkiýäniň ykdysadyýetini ösdürmäge-de uly üns berýär. Döwlet daşary ýurt maýalarynyň ýurda çekilmegine ownuk we orta telekeçiligi ösdürmäge uly üns beripdir. Şunuň netijesinde Turkiýäniň ykdysadyýeti XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ortlalaryndan başlap janlanyp ugraýar, işsizleriň sany kemelip başlaýar.

SSSR-iň dargamagy Turkiýäniň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösüşine ägirt uly ilerleýji täsir edýär. Sebäbi öňki SSSR-iň käbir soýuz respublikalary (Azerbaýjan, Türkmenistan, Özbegistan, Gyrgyzystran, Gazagystan) Turkiýäniň daşary syýasatynda uly ähmiýete eýe bolup başlaýarlar. Bu ýurtlar hem Turkiýa respublikasy bilen gatnaşyklar açmak isleýärdiler.

Turkiýe bu respublikalara garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap dürli ugurlarda ýardam berip ugrady. Bu respublikalar ýangyç resurslaryna we çig mallara baý ýurtlar bolup durýardy. Şonuň üçin hem bu ýurtlar bilen gatnaşmaklyk Turkiýäniň ykdysady ösüşine uly täsir edip biljekdi.

Gürrüňi edilýän döwletler Turkiýe bilen medeni gatnaşyklary hem giňeltdiler. Sebäbi bu halklaryň dini, dili, medeniýeti, gelip çykyşlary boýunça türki halklardy. Turkiýe aýratyn hem biziň döwletimiz Garaşyz hem baky Bitarap Türkmenistan bilen ysnyşykly gatnaşyklary alyp barýar.

Döwlet baştutanymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ençeme ýola Turkiýe respublikasynda resmi saparlarda boldy. Öz gezeginde Turkiýäniň döwlet baştutanlary T.Özal, S.Demirel, A.N.Sezer, T.Çiller, M.Ýylmaz we başgalar birnäçe ýola biziň döwletimizde iş saparynda boldular.

Häzirki döwürde Türkmenistanda türk firmalarynyň ençemesi ýangyç energetika, dokma, gurluşyk senagatlarynda beýleki daşary ýurt firmalary bilen üstünlikli işleri alyp barýar.

Turkiýäniň häzirki zaman ykdysadyýeti hakynda aýdylanda milli monopolistik kapital berkeýär. Şolaryň iň kuwwatlylary "Goç holding", "Sabynçy holding", "Çukoroba holding", "Ekinji holding" kompaniýalarydyr. Mysal üçin Wehbi Goçuň firmasy 1981-nji ýylda 2 mlrd. 533 mln. dollar haryt satypdyr. Netijede "Goç holding" we "Sabynçy holding" dünýäniň iri korporasiýalarynyň arasynda 186,189-njy ýerleri eýeleýärler.

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrlaryna çenli milli içki önümiň öndürilişi jan başyna 3 müň dollara barabar boldy. Bu ýyllar ýurtda 2 mln. t. kömür, 50 mln. t. goňur kömür, 4 mln. t. nebit, 4 mln. t. demir magdany öndürildi. 12 mln. t. polat eredildi, elektroenergiýa 100 mlrd. kwt/s öndürildi. Ýurtda 75 müň ýük we 250 müň ýeňil awtomobil öndürildi.

Turkiýe her ýylda 20 mln. t. bugdaý, 8 mln. t. arpa, 2 mln. t. pagta, 250 müň t. temmäki öndürýär. Ýurtda mallaryň baş sany: iri şahly mallaryňky 20 mln-dan, dowarlaryň sany 70 mln.-dan geçdi. Ýurduň eksporty 25 mlrd. dollardan geçip, onuň 80% senagat önümleridir. Ýurda 45 mlrd. barabar önüm import edilýär. Onuň esasyny nebit-gaz, kämil tehnologiýa we ýaraglar tutýar. Ýurda her ýylda 9 mln. turist gelýär.

## Tema: Türkiýäniň Garaşsyz Türkmenistan bilen syýasy-ykdysady we medeni gatnaşyklary.

Türkiýe Birleşen Milletler Guramasynyň we OBSE-niň ilkinji agzasy hökmünde tanalýar. 1924-nji ýýlda Mustafa Kemala Atatürkiň ýolbaşçylygynda Türkiýe respublikasy yglan edilenden soňra, bu ýurt dürli ykdysady ugurlar boýunça ösüş ýoluna gadam basdy. Häzirki döwürde bolsa bu döwlet Birleşen Milletler guramasy, OBSE ýaly halkara guramalarynyň dürli komitetleriniň, ýöriteleşdirilen guramalarynyň, komissiýalarynyň agzasy bolup durýar.

1952-nji ýyldan bäri Türkiýe NATO halkara guramasynyň hem agzalygyna kabul edildi we häzirki döwürde hem bu guramanyň agzasy bolup durýar. 1963-nji ýylda Türkiýe respublikasy Ỳewropa bileleşiginiň Günbatar Ỳewropa soýuzynyň agzalygyna hem kabul edilýär. Häzirki döwürde hem şol bileleşigiň agzalygyna galýar. Türkiýe 1996-njy ýylyň Dekabr aýynda Ỳewropa bileleşiginiň (ES) gümrük soýuzy baradaky ylalaşygynyň agzalygyna kabul edilmek statusynyň (derejesini) gazanýar. Türkiýe häzirki döwürde yslam konferensiýasy guramasynyň (OIK) hem agzasydyr. Şeýle hem bu döwlet sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy hem düzümine girýär (EKO).

Türkiýe döwleti Gara deňzi boýunça ykdysady hyzmatdaşlygyň (ÇES) inisiatory boldy. Şeýle hem häzirki döwürde Türkiýa respublikasy başga-da birnäçe halkara guramalaryň agzasydyr.

Garaşşyz, Baky BitarapTürkmenistan bilen Türkiýa respublikasynyň arasynda ikitaraplaýyn diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň Fewral aýynyň 29-na ýola goýuldy. Häzirki döwürde bu iki döwletiň paýtagtlarynda Türkmenistan bilen Türkiýe respublikasynyň ilçihanalary hereket edýär. Stambul şäherinde Türkmenistanyň baş konsuly bar.

Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkiýe respublikasyna resmi saparlary: 1991-nji ýylyň Dekabr aýynda, 1992-nji ýylyň Oktýabr aýynda, 1993-nji ýylyň Iyun aýynda, 1994-nji ýylyň Iyun aýynda, 1994-nji ýylyň Oktýabr aýýnda, 1995-nji ýylyň Ýanwar aýynda, 1996-njy ýylyň Fewral aýynda, 1996-njy ýylyň Noýabr ayýnda, 1998-nji ýylyň Oktýabr aýynda, 1999-njy ýylyň Noýabr aýynda, 2001-nji ýylyň Aprel aýynda bolup geçdi.

Türkiýe respublikasynyň prezidentleriniň Türkmenistana saparlary: 1993-nji ýylyň Aprel aýynda Turgut Ozalyň, 1994-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 25-27-ne Süleýman Demireliň, 1997-nji ýylyň Maý aýynyň 14-15-ne Süleýman Demireliň, 2000-nji ýylyň Mart aýynyň 28-29-na Süleýman Demireliň, 2000-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 17-18-ne Ahmet Sezeriň sapary bolup geçdi.

Türkimenistan we Türkiýe respublikasynyň beýleki ýurtlardaky duşuşyklary: 1995-nji ýylyň Awgust aýynda Bişkek şäherinde Türki dilli döwletleriň halkara ýygnanyşygynda, 1996-njy ýylyň Oktýabr aýynyň 27-de Daşkent şäherindäki Türki dilli döwletleriň halkara ýygnanyşygynda (Sammit), 1998-nji ýylyň Maý aýynyň 11-ne Alma-Ata şäherinde EKO ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalarynyň duşuşugynda, 2001-nji ýylyň Aprel aýynyň 26-27-ne Stambul şäherinde Türki dilli döwletleriň halkara ýygnanşygynda bolup geçdi.

**Türkmenistan bilen Türk respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk.**

Türkiýe bu Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ilkinji bolup ykrar eden we bu ýaş döwletiň döwlet derejesine ýetmeginde goldaw beren döwletdir. Häzirki döwürde Türkmenistan bilen Türkiýe respublikasynyň arasynda 60-dan gowrak yalalaşyklar we şertnamalar bar. Türkiýäniň türkmen harytlaryny daşary ýurda çykarmak boýunça edýän

hyzmatdaşlygy 10 % deňdir. Türkmen türk hyzmatdaşlygy meýilnamalaýyn we duşuşyklar esasynda alnyp barylýar. Onuň şeýledigine birnäçe gol çekilen resminamalar 83 sany, ylalaşyklar (şol sanda döwletara ylalaşyk 23 sany, hökümetara yalalaşyk 19 sany, guramalaryň arasynda ylalaşyk 31 sany) şaýatlyk edýär.

Türkmen türk komisiýasy. 1992-nji ýylyň Ýanwar aýýnda Türkmenistanyň Prezidentiniň N 329-njy kararyna laýyklykda Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasynda hökümetara komisiýa döredildi. Bu komisiýa Türkmenistan we Türkiýäniň arasyndaky ykdysady we söwda hyzmatdaşlyklary boýunça meseleleri çözmäge gönükdirildi. Şu komisiýa boýunça döwletleriň arasynda ykdysady we söwda hyzmatdaşlyklarynyň meselelerini çözýän birnäçe ýygnaklar geçirildi.

Hyzmatdaşlygyň perspektiw ugurlary. Türkiýe bilen Türkmenistanyň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeliligi üçin we ony gelejekde hasda berkitmek üçin, türk kapitalynyň we kompaniýalarynyň Türkmenistanda işjeň hereket etmekligi üçin şu ugurlar boýunça ösen hyzmatdaşlyklaryň görnüşleri alyp barylýar:

1.Nebit we gaz, energetika senegaty boýunça.

2.Oba hojalygy boýunça.

3.Azyk senagaty boýunça.

4.Derman senagaty boýunça.

5.Dokma senagaty boýunça.

Häzirki döwürde hem dürli ugurlar boýunça Garaşsyz Türkmenistan we Türkiýe döwletiniň arasynda giňişleýin hökümet ara hyzmatdaşlyklar alynyp barylýar.

**Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Merkezi Aziýa döwletleri we Azerbaýjan bilen gatnaşyklary.** Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň iş başyna gelmegi bilen Türkmenistan ýurdumyzyň daşary

syýasatyny has-da işjeňleşdi. Gysga taryhy döwrüň içinde Ýurt baştutanymyz dünýäniň dürli ýurtlaryna taryhy saparlary amala aşyrdy. Döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri-de Merkezi Aziýada ýerleşýän doganlyk döwletler we Azerbaýjan respublikasy bilen ýiola goýulýan işjeň gatnaşyklardyr.

Garşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwleti özüniň ata-baba kökleri meňzeş ýurtlar bilen gatnaşyklara aýratyn uly üns berýär. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Gazagystan, Özbegistan, Gyrgyzystan, Täjigistan we Azerbaýjan respublikalarynda taryhy sparlarda bolup özara bähbitli iki taraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşine badalga berdi.

2007-2008-2008-njy ýyllaryň dowamynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Gazagystanyň prezidentdi Nursultan Nazarbaýew, Gyrgyzystan respublikasynyň prezidenti Kurmanbek Bakyýew, Özbegistan respublikasynyň prezidenti Islam Karimow, Täjigistanyň prezidenti Emomali Rahmon we Azerbaýjan respublikasynyň prezidenti Ilham Aliýew bilen duşuşyklaryň birnäçesini geçirdi. Iki taraplaýyn gepleşikler Merkezi Aziýanyň we Azerbaýjanyň doganlyk döwletleriniň ykdysady we syýasy taýdan ösüşine oňyn täsir edýär.

Doganlyk döwletleriň biri-de Türkiýe respublikasydyr. 2007-2010-njy ýyllarda - Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe respublikasynda resmi iş saparlarynda bolup bu döwletiň prezidenti Abdylla Gül, premýer-ministri Rejep Taýyp Ärdogan bilen netjeli gepleşikleri geçirdi. Häzirki döwürde türk kompaniýalary ýurdumyzda amala aşyrylýan möhüm taslamalaryň durmuşa geçirilmegine işeňňir gatnaşýarlar.

# EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat,

2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.

23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.

29. Ahmedow A. “Gadymyỳetiň ỳaňy” Aşgabat. 1992.
30. Akyỳew A. “Türkmen döwletleri – türkmen şöhraty” //Watan, 2002 Baỳdak aỳynyň 9-y.
31. Annanyỳazow M. “Gadymy Merwe syỳahat”. Mary – 1994
32. Aỳdogdyỳew M., H. Gurbanow “Türkmenleriň dünỳä ỳaỳramagynyň sebäpleri barada”//Türkmenistan. 2003. N93
33. Gurbangeldiỳew J. Türkmenlere şan getiren Malazgirt. // Türkmenistan. 2002. N209.
34. Mämmediỳew Ýa. “Türkmen soltany – Süleỳman şa” // Edebiỳat we sungat. 2002. N43
35. Meredow A. “Seljuklar döwrüniň edebiỳatynyň taryhyndan” Ylym neşiriỳaty. Aşgabat, 1968.
36. Türkmen taryhynda döwlet meselesi – Ystambul, Türkiỳe, 1998
37. Ýazdurdyỳew D. “Döwlet gurmagy türkmenlerden öwren Mukaddes Ruhnamada türkmenleriň guran döwletleri barada. // Nesil, 2000 Iyul aỳynyň 24-i.
38. Ýazlyỳew Ç. Mukaddes Ruhnama türkmen taryhyny öwrenmegiň baş ỳörelgesi”// Türkmenistan – 2001, Awgust aỳynyň 20-si.
39. Ал Халаби Мухаммед. “Поход Эмира Ашбека”- Баку, Элм, 1985
40. Арабские страны. Турция. Иран. Афганистан. (История и экономика) – М., Наука, 1979
41. Гордлевский В.А. “Избранные сочинения”, - М.,1960
42. Еремеев Д.Е. “На стыке Азии и Европы: Очерки о Турции и турках”. – М.: Наука, 1980
43. Иванов. Н.А. “Османское завоевание арабских стран, 1561-1574 г – М: Наука, 1984г”. – Ленинград, 1966
44. История османской империи.- М, 1968.
45. Константинов М. “Записки янычара” – М.,: Наука, 1978

46. Лазерев М.С. “Крушение турецкого господства на Арабском Востоке”- М., Изд-во вост. лит, 1960
47. Луцкий В.Б. “Новая история арабских стран” М – 1966
48. Новичев А.Д. История Турции. Эпоха феодализма. Т1-3,- Ленинград, 1963.
49. Новичев А.Д. Турция. Краткая история – М, 1965.
50. Османская империя и страны центральной, восточной и юго-восточной Европы в XV- XVI веках. – М,1984.
51. Османская империя: Система государственного управления, социальные и этнорелигиозные проблемы. – М,: Наука, 1986
52. Симеон Лехаци. Путевые заметки - М.,: Наука,1965
53. Фин Р.Г. “Спящие пробудятся: Повесть о Бедреддине Симови”- М, Политиздат. 1986
54. Чихачев П.А. “Великие державы и Восточный вопрос”- М., Наука, 1970

**Mazmuny**


**Giriş.......................................................................................7-8**

**Kiçi Aziýada Seljuk döwletiniň döremegi........................9-13**

**Kiçi Aziýada Osman döwletiniň döremegi. Osman döwletiniň giňemegi we ösmegi…………………..……..13-18**

**Osman döwleti XV-XVII asyrlarda……………………19-21**

**Osman döwleti XVI asyryň II yarymynda- XIX asyrda……………………………21-29**

**Osman döwleti XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda……………….………………………….....30-35**

**Türkiýe XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda…………………………………………..36-39**

**Türkiýe 1918-1945 ýyllarda……………………….…..39-42**

**Türkiýe 1918-1945-nji ýyllarda……………………..42-50**

**Türkiýe 1945-1996-njy ýyllada....………………………50-55**

**Türkiýäniň Garaşsyz Türkmenistan bilen syýasy-ykdysady we medeni gatnaşyklary………..………………………56-59**

**Edebiýat.................................................................60-64**